TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ GARAŞSYZ DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝYNA EÝERIP, DÜNÝÄNIŇ ÝURTLARY WE HALKLARY BILEN DOSTLUKLY, HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK GATNAŞYKLARYNY ALYP BARÝARYS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
8-nji dekabr, 2023. Belgisi 49/1563



# BEÝIK ÖSÜŞLERI NAZARLAÝAN DOST-DOGANLYK GATNAŞYKLARY

***6-njy dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň türk tarapynyň başlygy Jewdet Ýylmazy kabul etdi. Ol bu toparyň nobatdaky ýedinji mejlisine gatnaşmak üçin öz ýurdunyň wekiliýetine ýolbaşçylyk edip Türkmenistana geldi.***

Myhman wagt tapyp kabul edilendigi hem-de ikiçäk söhbetdeşlikde döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallygyny beýan edip, döwlet Baştutanymyza, şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň mähirli salamyny ýetirdi. Nygtalyşy ýaly, Türkiýede doganlyk Türkmenistan bilen özara bähbitlilik ýörelgesine esaslanýan netijeli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz dostlukly ýurduň wise-prezidentini myhmansöýer türkmen topragynda mübärekläp, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň nobatdaky mejlisiniň hem-de Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisiniň üstünlikli geçmegini arzuw etdi we şu gezekki saparyň çäklerindäki gepleşiklerdir duşuşyklaryň iki döwletiň arasyndaky hemmetaraplaýyn gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz Prezident Rejep Taýyp Ärdogana mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Türkiýe bilen strategik, uzak möhletleýin häsiýetli hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny nygtady.

Türkmenistany we Türkiýäni köpasyrlyk dost-doganlyk gatnaşyklary baglanyşdyrýar. Bu bolsa häzirki döwürde ýokary derejedäki hökümetara dialogy mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin berk esas bolup hyzmat edýär diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Söhbetdeşler iki doganlyk döwletiň ýolbaşçylarynyň arasynda ynanyşmagyň we özara düşünişmegiň gazanylan derejesine ýokary baha berip, Hökümet wekiliýetleriniň yzygiderli saparlarynyň, ýurtlarymyzyň daşary syýasat edaralarynyň arasyndaky geňeşmeleriň we gepleşikleriň köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge ýardam edýändigini nygtadylar.

Hormatly Prezidentimiz ýakynda Türkiýe Respublikasyna amala aşyran resmi saparynyň dowamynda Prezident Rejep Taýyp Ärdogan bilen bolan duşuşygyny, işewürlik maslahatyny we ikitaraplaýyn gepleşikleri ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi. Şol saparyň çäklerinde birnäçe resminamalara gol çekildi. Nygtalyşy ýaly, gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmegi häzirki günüň möhüm wezipesidir.

Türkiýe Respublikasy Türkmenistanyň strategik söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biridir. Şunuň bilen birlikde, ýangyç-energetika toplumynda, ulag-aragatnaşyk, oba hojalygy, maýa goýumlar ulgamlarynda netijeli ikitaraplaýyn we sebit derejesindäki gatnaşyklary ösdürmek üçin giň mümkinçilikler açylýar. Döwlet Baştutanymyz iki ýurduň ykdysady kuwwatyny nazara almak bilen, döwletara hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmak boýunça işleri işjeňleşdirmegiň zerurdygyny nygtady. Şunda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň işiniň we işewürlik maslahatynyň ähmiýetine aýratyn üns çekildi. Olaryň maksady netijeli gatnaşyklary ösdürmäge, özara hyzmatdaşlygyň täze, möhüm ugurlaryny kesgitlemäge gönükdirilendir.

Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz we myhman iki halkyň taryhynyň, asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan medeni-ruhy gymmatlyklarynyň umumydygyny bellediler. Munuň özi medeni-ynsanperwer ulgamda netijeli gatnaşyklary dowam etdirmek üçin amatly şertleri döredýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti Jewdet Ýylmaz strategik döwletara hyzmatdaşlygyň iki doganlyk ýurduň hem-de olaryň halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.



## BITARAPLYK – YNSANPERWERLIK ÝÖRELGELERINIŇ DABARALANMASY

**Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan hemişelik Bitarap diýlip ykrar edilen ýeke-täk döwletdir. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy özboluşly nusgawy häsiýete eýedir. Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynda bitaraplygyň dürli görnüşleri bolup, olar hemişelik, pozitiw, adaty we şertnamalaýyn mazmunlydyr. Bitaraplyk syýasaty degişli sebitlerde we dünýä derejesinde parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagyna itergi berýär. Dünýä ýurtlarynyň arasynda parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmeginde möhüm orun eýeleýär.**

**Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara derejesinde iki gezek ykrar edildi. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 50-nji mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama dünýä döwletleriniň 185-siniň biragyzdan goldamagy bilen kabul edildi. Bu Kararnamanyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde 193 döwletiň biragyzdan goldamagy bilen gaýtadan kabul edilmegi Türkmenistanyň dünýä ýüzündäki belent abraýyny tassyklady. Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip resmi taýdan yglan edýän Kararnamanyň kabul edilmegi dünýä taryhynda örän ähmiýetli wakadyr.** 2

# Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisi

***6-njy dekabrda paýtagtymyzda Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň 10-njy sergisi açyldy, şeýle hem Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň ýedinji mejlisi we işewürlik maslahaty geçirildi.***

Gözden geçirilişe gatnaşmak üçin Türkiýäniň döwlet düzümleriniň wekillerinden ybarat uly topar, ýurdumyz bilen netijeli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmäge gyzyklanma bildirýän kompaniýalaryň we hususy kärhanalaryň 100-e golaýynyň ýolbaşçylarydyr hünärmenleri Aşgabada geldiler. Öz mümkinçiliklerini we öňdebaryjy tehnologiýalaryny Türkmenistanda ilkinji gezek tanyşdyrýan kompaniýalar sergä gatnaşyjylaryň agramly bölegini düzýär. Olaryň köpüsi ýurdumyzyň köpugurly ykdysady kuwwaty barada oňat habarlydyrlar we hyzmatdaşlygy giňeltmegi maksat edinýärler.

Serginiň açylyş dabarasyna Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem-de işewürler gatnaşdylar.

Ýygnananlar hormatly Prezidentimiziň sergä gatnaşyjylara iberen Gutlagyny uly üns bilen diňlediler. Onda «Türkiýäniň kompaniýalary türkmen hyzmatdaşlary bilen ysnyşykly iş alyp barmak bilen, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda bilelikdäki birnäçe taslamalary üstünlikli amala aşyrýarlar we işewürlik ulgamynda netijeli hyzmatdaşlygy giňeldýärler» diýlip bellenilýär.

Forumyň açylyş dabarasynda çykyş eden türk wekiliýetiniň ýolbaşçysy, Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti Jewdet Ýylmaz Türkmenistanda maýa goýumlaryň möçberini artdyrmak we gurluşyk taslamalaryny durmuşa geçirmek arkaly, Türkiýäniň ýurdumyzyň ösüşine goşant goşmaga taýýardygyny mälim etdi.

6-8-nji dekabr aralygynda geçirilýän sergide türk önüm öndürijileri tarapyndan eksport edilýän ýokary hilli harytlaryň giň toplumy — senagat we oba hojalyk pudaklary üçin enjamlar, ätiýaçlyk şaýlar, gurluşyk serişdeleri, hojalyk we elektronika tehnikalary, öý hojalyk harytlary, dokma önümleri görkezilýär. Sergä gatnaşyjylaryň hatarynda elektrik energetika enjamlaryny öndürmäge ýöriteleşen «Elte Pano», «Hasçelik Kablo», ýangyn söndüriji enjamlary öndürýän «Duyar Vana Makina», gurluşykda öňdebaryjy «Rönesans», «Gap Inşaat» ýaly kompaniýalar bar. Gurluşyk serişdeleri bölüminde penjireleri we gapylary öndürýän «Çelik Kapi», «Emka Metal Çelik», diwarlar we üçekler üçin izolýasiýa serişdelerinden taýýarlanylan panelleri öndürýän «Assan Panel» hem-de profilleri öndürýän «Hilal Alüminium» kompaniýalary bar. «A.O.Smith» kompaniýasynyň diwarlygy suw üpjünçilik, lagym we suwaryş, agyz suwy minerallaşdyrmak ulgamlary bilen tanyşdyrýar. «Ahi carrier fzc», «Frigo Mekanik», «Aldag» kompaniýalary sowadyjylary we azyk önümlerini saklamak hem-de doňdurmak üçin tehnikalary görkezýär.



Sergä ilkinji gezek gatnaşýan kompaniýalaryň hatarynda ýyladyşhana toplumlary üçin enjamlarydyr düzümleri öndürmäge we ibermäge ýöriteleşen kompaniýalaryň bardygyny hem bellemelidiris. Bu ýerde «Sera marketim», «Dagdelen», «Mehmet Özen» hususy kärhanalary ilkinji gezek önümlerini görkezýärler. «Feta», «Interlab Lab. Ürünleri» we «Dogrular Ev Ürünleri» kompaniýalary çagalar baglaryny hem-de mekdepleri, ýaşaýyş jaýlaryny enjamlaşdyrmak ulgamynda teklipleri bilen çykyş edýärler. Ýurdumyzda meşhurlykdan peýdalanýan öý hojalyk tehnikalaryny we aşhana enjamlaryny öndürijileriň diwarlyklary sergä gelýänlerde uly gyzyklanma döredýär. Olar sowadyjylaryň, egin-eşik ýuwujy maşynlaryň, bug peçleriniň, suw gaýnadyjylaryň we gyzdyryjylaryň, elektrik enjamlaryň hem-de beýlekileriň iň täze görnüşlerini öz içine alýar.

Dokma önümleriniň diwarlygy diňe bir türk öndürijileriniň kuwwatlyklaryny, öndürilýän önümleriň baý görnüşlerini we aýratynlyklaryny açyp görkezmäge giň şertleri döretmek bilen çäklenmän, eýsem, türkmen hyzmatdaşlary bilen göni gatnaşyklary ýola goýmaga-da mümkinçilik berdi.

Ýöriteleşdirilen sergi köp ýyllardan bäri türk öndürijileri tarapyndan öndürilýän önümleriň giň ugurlaryny açyp görkezmek, öňdebaryjy işläp taýýarlamalary we tehnologiýalary alyşmak üçin netijeli meýdança boldy. Iki dostlukly ýurduň gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilen forum ösüş mümkinçiliklerini, bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmaga, kärhanalary tehnologik taýdan döwrebaplaşdyrmaga, iň häzirki zaman önümçiliklerini kemala getirmäge esaslanýan türkmen ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň binýadynda maýa goýum-innowasiýa hyzmatdaşlygynyň geljegini hasaba almak bilen, işewürlik hyzmatdaşlygyny giňeltmegi maksat edinýär. 2




## ÄHLUMUMY BAŞLANGYÇ GIŇ GOLDAW TAPÝAR

**Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşynda «Biz daşky gurşawy goramak we ekologik meseleler bilen bagly milli maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirýäris. Ýurdumyzyň obalarynyň we şäherleriniň daş-töwereginde tokaý zolaklaryny, gök guşaklary döredýäris» diýip nygtamak bilen, bu ugurda alnyp barylýan işlere döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda üns berilýändigini belledi. Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän tutumly işleriň netijesinde howamyzyň arassalygy, günsaýyn gözelleşýän oba-kentlerimiziň görkanalygy göwnümizi galkyndyrýar.**

**Ýurdumyzda daşky gurşawy goramak, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak bilen bagly meseleleriň çözgüdine hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilýär.** 2

# TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ EKSPORT HARYTLARYNYŇ SERGISI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Köp sanly gatnaşyjylar — kompaniýalaryň we degişli pudak edaralarynyň, hususy işewür düzümleriň wekilleri türk öndürijileriniň sergide görkezýän önümleriniň görnüşleri, işläp taýýarlamalary bilen ýakyndan tanyşdylar.

**Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň mejlisi**

● Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň ýedinji mejlisine Türkmenistanyň degişli ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti Jewdet Ýylmazyň ýolbaşçylygynda ýurdumyza sapar bilen gelen wekilçilikli topar gatnaşdy. Mejlisiň barşynda oňa gatnaşyjylar iki ýurduň ykdysady mümkinçilikleri, sebit we köptaraplaýyn meseleler, Ykdysady



hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň altynjy mejlisiniň Teswirnamasy esasynda kabul edilen iş meýilnamasynda göz öňünde tutulan çäreleriň durmuşa geçirilişi bilen tanyşdylar.

Hökümetara türkmen-türk toparynyň ýedinji mejlisiniň çäklerinde energetika ulgamynda Türkmenistanyň we Türkiýäniň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglanyşykly meseleleriň giň toplumyna garaldy. Hususan-da, taraplar türkmen tebigy gazyny Türkiýä ibermegiň mümkinçiligini ara alyp maslahatlaşdylar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistandan tebigy gazy Eýranyň üsti bilen Türkiýä ibermek taslamasynyň ähmiýeti nygtaldy.

Şunuň bilen birlikde, türkmen tarapynyň soňky ýyllarda döreden gaz infrastrukturasy Türkmenistana öz tebigy gazyny günbatar ugry boýunça uly möçberde ibermäge giň mümkinçilik berýär. Beýan edilenlerden ugur alnyp, ýokarda ady agzalan taslamanyň geljeginiň uludygy bellenildi we taraplar ýakyn wagtda ugurdaş edaralaryň, kompaniýalaryň ýolbaşçylarynyň derejesinde gepleşikleri geçirmäge girişmegi ylalaşdylar.

Türkmenistanyň hem-de Türkiýäniň köpasyrlyk ýakyn gatnaşyklara üýtgewsiz ygrarlydyklaryny beýan edip, toparyň agzalary geljegi uly ähli ugurlarda hyzmatdaşlygy diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça anyk ädimleri bellediler. Toparyň mejlisiniň netijeleri boýunça degişli Teswirnama gol çekildi.

Şeýle hem şol gün Türkmen-türk işewürlik maslahaty geçirildi. Onda çykyş edenler maslahatyň uzak möhletleýin esasda guralýan däp bolan hyzmatdaşlygy giňeltmek we çuňlaşdyrmak üçin täze mümkinçilikleri açýandygyny nygtadylar. Işewürlik maslahatynyň çäklerinde türkmen we türk işewürleriniň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ýolunda möhüm ädim ätmekde uly mümkinçilikleri döretjek resminamalara gol çekildi.

Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň wekilleriniň türk kärdeşleri bilen geçiren ikitaraplaýyn duşuşyklarynda bilelikdäki taslamalar, özara hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary giňişleýin ara alnyp maslahatlaşyldy.

# BITARAPLYK – YNSANPERWERLIK ÝÖRELGELERINIŇ DABARALANMASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Türkmen halky Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmagynyň 28 ýyllyk toýuny uludan toýlaýar. Bitaraplyk türkmen halky üçin buýsanç bulagynyň gözbaşy hasaplanýar. Garaşsyzlyk we Bitaraplyk türkmen halkynyň goşa ganatydyr. Şol goşa ganaty birleşdirip, halkymyzy bagtyýar durmuşda ýaşadýan Arkadagly Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyz hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyk, howpsuzlyk, dostluk, hoşniýetli gatnaşyk, ynsanperwerlik ýörelgelerine eýerip, halkara derejesinde uly abraýdan peýdalanýar. Ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyz jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda ýokary depginler bilen ösýän döwletleriň hataryna goşuldy.

Halkara we sebit guramalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri Türkmenistanyň sebitde, hususan-da, Owganystanda parahatçylygyň we durnuklylygyň üpjün edilmegine uly goşant goşýandygyny, Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy bilen, Türkmenistanyň ählumumy howpsuzlygy hem-de yzygiderli ösüşi üpjün etmekde möhüm orny eýeleýän, parahatçylygy dörediji uly merkeze öwrülendigini belleýärler.

1-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly Konwensiýasynyň taraplarynyň 28-nji mejlisindäki çykyşynda, Türkmenistanda BMG-niň howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebit merkezini açmak barada başlangyjy tassyklady.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, şu ýylyň 13-nji noýabrynda sebit maksatnamalaryny işläp taýýarlamak üçin Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň (UNEP) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilendigini bellemek möhümdir we şol sebit maksatnamalary bolsa howa tehnologiýalaryny Türkmenistana we Merkezi Aziýanyň döwletlerine geçirmäge gönükdirilendir.

Arkadagly Serdarymyz 80 milliona golaý ilatly, täsin tebigy serişdelere we biodürlülige eýe bolan we şol bir wagtyň özünde düýpli ekologik wehimleriň zolagynda ýerleşýän sebit üçin BMG-niň ýöriteleşdirilen merkezini döretmek baradaky Türkmenistanyň başlangyjynyň bu gün aýdyň mümkinçiliklere eýe bolýandygyny nygtady.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dünýäniň ähli döwletleri we abraýly halkara guramalary hemişelik Bitarap



Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatyny ykrar edýär diýip buýsanç bilen aýdyp bileris.

Türkmenistan häzirki wagta çenli dünýäniň 151 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary saklap, halkara guramalaryň 50-ä golaýynyň agzasydyr, şeýle-de halkara konwensiýalardyr ylalaşyklaryň 170-e golaýyna gatnaşýar. Türkmenistanyň daşary ýurtlarda hereket edýän diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyklarynyň 40-sy, şonuň ýaly-da, ýurtda akkreditirlenen diplomatik wekilhanalardyr konsullyklaryň we halkara guramalaryň wekilhanalarynyň 48-si ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň binýadyny pugtalandyrmak boýunça maksada gönükdirilen işleri alyp barýar.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy döwletleriň we halklaryň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyryp, hakyky dostluk ýollarynyň uzamagyna möhüm goşant goşýar.

**Gözel UZBEKOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mu gallymy.*

# ÄHLUMUMY BAŞLANGYÇ GIŇ GOLDAW TAPÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Şunuň bilen baglylykda, daşky gurşawa zyýanly täsiri bolan ýagdaýlaryň öňüni almaga, ekologiýa abadançylygyň üpjün edilmegine gönükdirilen giň möçberli işler özüniň oňyn netijesini berýär.

Eziz Watanymyzyň ykdysadyýetini köpugurly esasda ösdürmegiň wezipeleri milli maksatnamalarda giňden bellenilýär. Ägirt uly tebigy serişdelere, baý uglewodorod gorlary-




na eýe bolan ýurdumyzda dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önümçiligi ösdürmäge giň mümkinçilikler döredilýär. Ýurdumyz dürli tebigy baýlyklara: organiki we organiki däl maddalara, minerallara, uglewodorod serişdelerine, ýerasty tebigy suwlara baýdyr. Bu baýlyklaryň esasyny düzýän maddalaryň fiziki-himiki häsiýetlerini düýpli öwrenmek, olaryň esasynda täze polimer, kompozit, sintetik maddalary sintezlemek, alnan täze maddalardan gurluşyk, senagat, dokma, durmuş maksatly materiallary döretmek, oba hojalygy üçin zerur bolan täze dökünleri almak, himiýa senagatyny hem-de himiki tehnologiýalary ösdürmek şu günüň esasy talabydyr.

Bu önümçiliklerde howanyň üýtgemegine garşy göreşmek maksady bilen ekologiýa taýdan arassa önümçilige hem-de täzeçil tehnologiýalaryň giňden ulanylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiz golaýda Dubaýda geçirilýän BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly Konwensiýasynyň taraplarynyň nobatdaky 28-nji mejlisinde (COP-28) eden çykyşynda Türkmenistanyň Ählumumy metan borçnamasyna goşulýandygy barada aýtdy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz ozal milli derejede howanyň üýtgemegi boýunça Pariž ylalaşygynyň ýerine ýetirilmegini, şeýle hem Türkmenistanyň Bütindünýä metan borçnamasyna goşulmagy baradaky meseläni öwrenmek, bu ulgamda halkara guramalar we iri daşary ýurt kompaniýalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça çäreler toplumynyň geçirilmegi göz öňünde tutulýan Ýol kartasyny tassyklapdy.

Metan zyňyndylary howanyň üýtgemegine täsir edýär. Şol sebäpli 2021-nji ýylda ABŞ we onuň hyzmatdaşlary Metan boýunça global borçnamasyny taýýarladylar. Bu borçnama laýyklykda ýurtlar 2020-nji ýyldaky görkezijiler bilen deňeşdirilende 2030-njy ýyla çenli metan zyňyndylaryny 30%-e çenli azaltmaga borçlanýarlar. Häzirki wagtda dünýäde metan zyňyndylaryny azaltmak, bu ugurda maliýeleşdirmegi güýçlendirmek, tehnologiýalary we tejribeleri durmuşa geçirmek, şeýle-de kanunçylygy rejelemek üçin iş alyp barýarlar.

Halkara jemgyýetçiligi howanyň üýtgemegi bilen bagly maksatlara ýetmek we ykdysady hem-de energiýa howpsuzlygyny ýokarlandyrmak üçin nebit we gaz amallaryndan metan zyňyndylaryny çalt azaltmagy maksat edinýär. Biziň ýurdumyz hem bu borçnama goşulmak bilen halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryna giňden goldaw berýär. Häzirki wagtda tebigy gaz köp ýurtlaryň energetika toplumynda möhüm orny eýeleýär. Elektrik öndürmekde, senagatda we şäherleriň ýyladyş ulgamynda ulanylýar hem-de dökün, himiýa we nebithimiýa önümlerini öndürmek üçin möhüm çig mal bolup durýar. Şonuň üçin, esasan hem, nebitgaz pudagynda metan zyňyndylaryny azaltmak ugrunda giň gerimli işler alnyp barylýar.

**Baýrammämmet HOJAMÄMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# TÜRKMEN ZENANLARYNYŇ DURMUŞYNDA ÝATDAN ÇYKMAJAK WAKA

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Watanymyz hoşniýetli Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan, döredijilikli daşary syýasat ugry bilen öňe barýar. Dünýä bileleşigi tarapyndan beýik gymmatlyk, ählumumy taglymat hökmünde ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň baş maksady adamzat bähbitlerine gönükdirilen dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy goramakdyr. Bu babatda Arkadagly Serdarymyz tarapyndan sebitde we tutuş dünýäde parahatçylygy dabaralandyrmaga, halklaryň arasynda hoşniýetli gatnaşyklary ýola goýmaga, jebisleşdirmäge gönükdirilen uly işler alnyp barylýar.**

**Ýene sanlyja günden türkmen halky dünýä jemgyýetçiligi bilen bir hatarda Halkara Bitaraplyk gününi giňden belläp geçer. Bu şanly wakanyň öň ýanynda şatlykly habar gelip gowuşdy. Has takygy, 29-njy noýabrda geçirilen Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň (CAREC) ministrler derejesindäki 22-nji maslahatynyň çäklerinde Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşine gender deňligini ilerletmek boýunça alyp barýan işleri üçin Aziýa ösüş bankynyň «CAREC» maksatnamasynyň medaly we degişli güwänamasy gowşuryldy.**

**Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Gruziýanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Hytaýyň, Pakistanyň we Mongoliýanyň degişli guramalary bilen bir hatarda, Aziýa ösüş banky tarapyndan yglan edilen hem-de birnäçe tapgyrda geçirilen bäsleşige gatnaşdy. Gruziýanyň paýtagty Tbiliside guralan zenanlaryň işewürlik maslahatynda gender deňligini hem-de jemgyýetde deňhukuklylygy ilerletmekde ýokary netijeleri görkezen ýurdumyzyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşine dabaraly ýagdaýda ýeňijiniň baýragy gowşuryldy. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda jemgyýetde gender deňligini üpjün etmek, ýurdumyzda demokratik ýörelgeleriň mundan beýläk-de berkarar edilmegi we ösdürilmegi ugrunda durmuşa geçirilýän giň gerimli işleriň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilýändiginiň aýdyň beýanydyr.**




**Maral GURBANOWA,**
***Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.***

# ÝAŞLAR – ÝURDUMYZYŇ GELJEGI

Häzirki wagtda ýurdumyzda ylym-bilime uly ähmiýet berilýär, ýokary we orta bilim berýän mekdepleriň döwrebap binalary gurlup, ulanmaga berilýär. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim ojaklaryndaky häzirki zaman kompýuterleriniň, multimediýa tehnologiýalarynyň talyplardyr okuwçylaryň ygtyýaryna berilmegi, okatmagyň öňdebaryjy usullaryndan peýdalanylmagy bolsa, ýaşlara bilimli, hünärli adamlar bolup ýetişmäge mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiz «Ylymly ýaşlara eýe bolan döwlet beýik döwletdir. Ýaşlary ylymly bolan döwletiň sütünleri berkarar, güýji mizemezdir» diýip bellemek bilen, giň dünýägaraýyşly ýaşlary kemala getirmäge, zehinli ýaşlaryň ylma bolan höwesini artdyrmaga gönükdirilen tutumly işleri durmuşa geçirýär.

Ýurdumyzda hereket edýän iri önümçilik kärhanalarynda zähmet çekýän ýaşlar innowasion tehnologiýalary ussatlarça dolandyrmagy başarýarlar. Bagtyýar ýaşlaryň birnäçesiniň ýurdumyzyň hususy pudagynyň wekilleri tarapyndan döredilen ýyladyşhana toplumlarynda, senagat ulgamyna degişli önümçiliklerde, söwda we hyzmat ulgamlarynda zähmet çekýär. Munuň özi bilim ojaklarynda okap, hünär öwrenen ýaşlaryň işleri ýola goýmaklary üçin giň mümkinçilikleriň döredilýändigini görkezýär.

Ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen syýasy, ykdysady, medeni, ylym-bilim we beýleki ugurlarda giň gerimli hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagynda, şol sanda köpugurly daşary syýasatynyň amala aşyrylmagynda ýaşlara uly orun degişlidir. Şu ýylyň 16–18-nji noýabry aralygynda Mary şäherinde «Beýik Ýüpek ýolunyň täze eýýamy» ady bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň ýaşlarynyň forumynyň ýokary derejede geçirilendigini bellemek gerek.

Geçen ýylyň 14-nji iýunynda Gahryman Arkadagymyzyň döwletimiziň ýaşlar syýasaty, bu ulgamda milli kanunçylygy has-da kämilleşdirmegiň ileri tutulýan ugurlarynda ýaşlar bilen geçiren maslahatynda öňe sürlen anyk teklipler Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda öz beýanyny tapdy. Gurultaýda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň tassyklanylmagy bilen, bu ugurdaky işleriň täze tapgyry başlandy.

Ýakynda hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde şu ýylyň ahyrynda Ýaşlaryň dabaraly maslahatynyň we sergisiniň



geçiriljekdigi barada aýdyp, bu dabarada ýylyň dowamynda Türkmenistanda hem-de daşary ýurtlarda geçirilen halkara sport ýaryşlarynda, mekdep okuwçylarynyň olimpiadalarynda, talyp ýaşlaryň bäsleşiklerinde ýeňiji bolan, şeýle hem ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda zähmet çekip, ýurduň ösüşine mynasyp goşant goşan ýaşlaryň gazanan üstünlikleriniň jeminiň jemleniljekdigini belledi.

Häzirki wagtda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň jemlerine bagyşlanan ýaşlar forumyny ýokary derejede guramak bilen bagly zerur işler alnyp barylýar.

**Oguljemal PAŞYKOWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.*

# ÇALT ÝÖREMEK MASLAHAT BERILÝÄR

Ýöremegiň islendik ýaşdaky adam üçin peýdalydygy ozaldan mälimdir. Soňky geçirilen barlaglarda çalt ýöremegiň dürli keselleriň öňüni almakda hem peýdasynyň uludygy ýüze çykaryldy. Bilermenleriň bellemeklerine görä, sagatda alty kilometr tizlik bilen ýöremek köp keseliň öňüni almaga ýardam edýär. Londonyň Birleşen Patyşalyk kollejiniň hünärmenleriniň hem-de halkara bilermenleriň gatnaşmagynda keselleriň öňüni almak üçin näçe tizlik bilen ýöremelidigi barada barlag geçirildi. Bilermenler 1999-2022-nji ýyllar aralygynda çap edilen, 3-11 ýyl aralygynda geçirilen ylmy barlaglary seljerdiler. Bu barlaglar Birleşen Patyşalykda, Ýaponiýada we ABŞ-da uly ýaşly 508 müň adamyň arasynda geçirilipdir.



Netijede, sagatda alty kilometr we ondan ýokary tizlik bilen ýöreýänleriň has gujurly, umumy saglyk ýagdaýynyň kadaly bolýandygy ýüze çykaryldy.

**Gunça DURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

# ÄPET PLANETA TAPYLDY

**Astronomlar Ýerden 51 ýagtylyk ýyl uzaklykda täze planetanyň üstüni açdylar. Planetanyň ululygy Ýeriň 13 essesine barabar bolup, «LHS 3154» atly kiçi ýyldyzyň orbitasynda aýlanýar. Ýyldyzyň ululygy Günden 9 esse kiçi.**

**Açyş ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky planetalary gözläp tapmaga niýetlenen «Hobby-Eberly» teleskopyna oturdylan ýörite enjam arkaly edildi. «LHS 3154» atly ýyldyzyň Günden has sowukdygy bellenildi. Bu planetanyň häzire çenli daşyndan aýlanýan ýyldyzynyň (Gününe) ýakynyndaky iň uly planetadygy mälim edildi. Bu planeta ýyldyzynyň daşyndan barýogy 3,7 günde aýlanýar.**



**ABŞ-nyň Penn uniwersitetiniň astronomiýa we astrofizika boýunça professory, bu baradaky ylmy işiň awtordaşy Suwrat Mahadewan: «Bu açyş kosmos giňişligi barada näderejede az bilýändigimiziň alamaty» diýip belledi. Ol şeýle kiçi ýyldyzyň daşyndan şeýle uly planetanyň aýlanyp biljekdigini çaklamandyklaryny aýdýar.**

***Aýjemal BAÝRAMOWA,***
***Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň kitaphanasynyň bölüm müdiri.***

# Şähdaçyk bolmak üçin

Köp adam irden özüni ýadaw duýýar. Şeýle bolansoň, kofe içmegi endik edinýär. Geçirilen soňky barlaglarda ertirki maşklary ýerine ýetirmegiň ukudan açylmak we özüňi şähdaçyk duýmak üçin has täsirli usuldygy ýüze çykaryldy. Munuň üçin 20 minutlyk maşk ýeterlik. Angliýanyň Portsmut uniwersitetiniň geçiren barlaglarynda ertirki maşkyň bedeni gurplandyrýandygy, gan aýlanyşy kadalaşdyryp, beýniniň işjeňligini artdyrýandygy hem-de şähdiňi açýandygy anyklandy. Bilermenleriň hersi 12 meýletinçiden düzülen iki toparda barlag geçiripdir. Toparlaryň birine 3 günläp diňe gijesine 5 sagat uklamaga rugsat berlipdir. Olara her gün irden 7 iş tabşyrylypdyr, 20 minut welosiped sürenden soňra bolsa, şol tabşyryklary gaýtadan ýerine ýetirmekleri soralypdyr. Netijede, meýletinçileriň welosiped sürenden soňra şol işleri has gowy ýerine ýetirendikleri, şeýle hem az uklamagyň her adama başgaça täsir edýändigi anyklanypdyr.



**Bahar AGAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 8-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112954
Belgisi: 49/1563
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Parlament saýlawlarynda ÝEŇIŞ GAZANDY

Gert Wildersiň ýolbaşçylygyndaky Sagçy erkinlik partiýasy (FP) Niderlandlarda geçirilen nobatdan daşary parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy.



22-nji noýabrda geçirilen ses berlişigiň netijelerine görä, bu partiýa parlamentdäki 150 ornuň 37-sine eýe boldy. Şeýlelik bilen, sagçy partiýa Niderlandlaryň Wekiller palatasynyň başyny çekdi. Ikinji orundaky Zähmet partiýasyndan we «Ýaşyl çep» syýasy güýçden ybarat çep bileleşigi, 25 orna eýe boldy. Erkinlik we demokratiýa üçin halk partiýasy 24 deputat mandaty bilen üçünji ýeri eýeledi. Saýlawa gatnaşygyň 77,7% bolandygy bellendi.

Häzirki wagtda Niderlandlaryň parlamentindäki iň uly partiýalar koalisiýa hökümetini döretmek barada gepleşiklere başladylar. Niderlandlarda parlament saýlawlary 2025-nji ýylda geçirilmelidi. Ýöne migrasiýa syýasatyndaky düşünişmezlikler sebäpli Premýer-ministr Mark Rýutteniň Ministrler Kabineti 7-nji iýulda öz işini bes edenden soň, şu ýylyň 22-nji noýabrynda möhletinden öň saýlawlar geçirildi.

# Andri Radzuelina gaýtadan saýlandy

Madagaskaryň Ýokary konstitusiýa kazyýeti (ÝKK) 1-nji dekabrda Andri Radzuelinanyň 16-njy noýabrda geçirilen Prezident saýlawlaryndaky ýeňşini tassyklady. ÝKK tarapyndan yglan edilen jemleýji netijelere görä, Andri Radzuelina 58,96% sese eýe boldy. Radzuelinanyň gazanan sesleri ýeňiş gazanmak üçin zerur bolan 50%-den ýokary boldy.



Andri Radzuelina saýlawlaryň netijelerine jemgyýetçilik ulgamda seslenip, öz ýeňşiniň «tutuş malagasiý halkynyň ýeňşi bolandygyny» belledi. Radzuelina täze möhletinde halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmagyň özüniň ileri tutýan ugurlarynyň biri boljakdygyny belledi. Şeýle hem «ýurduň ösüşine goşant goşmak isleýänleriň hemmesine» goldaw bermekçidigini sözüniň üstüne goşdy. Paýtagt Antananariwudaky birnäçe diplomatik wekilhana, şol sanda ABŞ-nyň we Ýewropa Bileleşiginiň wekilhanalary ÝKK tarapyndan mälim edilen soňky netijeleri tassyklaýan bilelikdäki beýannamany berdiler.

16-njy noýabrda Madagaskarda Prezident saýlawlary geçirildi. Oňa 13 dalaşgär gatnaşyp, ýakyn bäş ýylda döwlet Baştutany wezipesini eýelemäge dalaş etdi. Dekabr aýynyň ortalarynda 49 ýaşly Radzuelinanyň kasam kabul ediş dabarasy bolar. Konstitusiýa laýyklykda, Prezidentiň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyl, şeýle-de bir adam iň ýokary wezipede iki möhletden köp galyp bilmeýär.

Madagaskar Hindi ummanyndaky ada döwleti bolup, ilaty 28,2 milliona deňdir. Ýurduň paýtagty Antananariwu şäheri bolup, bir adany eýeleýän dünýäniň iň uly döwletidir.

# 30 milliard dollarlyk howa gaznasy döredildi

Birleşen Arap Emirlikleriniň (BAE) Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al-Nahaýýan 30 milliard dollar möçberinde täze howa gaznasynyň döredilendigini habar berdi. Ol bu barada Dubaý şäherinde geçirilýän Bütindünýä howa sammitinde aýtdy.

– Men global klimat çözgütleri üçin 30 milliard dollarlyk gaznanyň döredilendigini habar bermekden hoşal – diýip, BAE-niň Prezidenti aýtdy. Ol bu gaznanyň global klimat çözgütlerini durmuşa geçirmek üçin niýetlenendigini belledi.




BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň taraplarynyň 28-nji mejlisiniň (COP28) esasy wakasy bolan Bütindünýä howa sammiti, 30-njy noýabrda Dubaýda açyldy. Sammite 150 töweregi ýurduň wekilleri gatnaşýar. Döwlet we hökümet Baştutanlary öz ýurtlarynyň daşky gurşaw, azyk howpsuzlygy, tebigy betbagtçylyklardan goranmak, «ýaşyl» energiýa we howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerini ýeňip geçmek üçin maliýe goldawy babatynda öz garaýyşlaryny beýan etdiler.

12-nji dekabra çenli dowam etjek konferensiýanyň dowamynda Dubaý dürli ýurtlardan 70 müňden gowrak wekiliýeti kabul etdi. Olaryň arasynda döwlet Baştutanlary, iri işewürlik we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, žurnalistler, bilermenler we barlag geçirijiler bar.

# DÜNÝÄ HABARLARY
## gysga setirlerde

► **Rekordlar kitabyna girdi.** Amerikaly iki ýaşly Isla Maknabb (Kentukki ştaty) Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Gyzjagaz aň derejesi ýokary bolan adamlaryň jemgyýetiniň iň ýaş agzasy boldy. Islanyň kakasynyň aýtmagyna görä, ol 18 aýlyk wagty elipbiýi öwrenip, iki ýaşynda okamaga başlady. Ol ähli sanlary we reňkleri bilýär.



► **Robotlar iňlis dilini öwreder.** Täze ýyldan başlap Seuluň mekdeplerinde iňlis dilini öwretmäge niýetlenen «repetitor robotlar» ulanylar. Emeli aňly robotlar mugallymyň kömekçisi hökmünde ýardam berip, okuwçylar bilen iňlis dilinde gepleşip biler. Synag şowly bolan halatynda, «repetitor robotlaryň» ulanylyşyny giňeltmek meýilleşdirilýär.



► **Ýylyň sözüni mälim etdi.** Iňlis diliniň abraýly sözlügini neşir edýän Oksford uniwersitetiniň neşirýaty 2023-nji ýylyň iň meşhur sözi hökmünde «rizz», ýagny, «özüne çekiji» diýen sözi saýlady. Bu adalga adamyň başgalary özüne çekmek ukybyny aňladyp, «harizma» sözünden gelip çykýar. Sözüň ulanylyşy şu ýyl has artypdyr.




# ULAG GEÇELGESINIŇ GURLUŞYGYNA BAŞLANDY

Owganystanyň Badahşan welaýatynda ýurdy Hytaý bilen gönüden-göni birleşdirjek Wahan geçelgesiniň gurluşygyna başlandy. Bu barada «Ariana News» web saýty habar berdi.



Owganystanyň häzirki hökümetiniň resmi wekili Zabihulla Mujahid Badahşanda şeýle ýoluň gurulmagynyň ýurduň ykdysadyýetine oňyn täsir etjekdigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, ýurduň ýolbaşçylary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek maksady bilen möhüm çäreleri görýär we dürli üstaşyr ýollary döretmäge tagalla edýär.

– Wahan awtoulag ýolunyň Hytaýyň serhedine çenli uzynlygy 60 kilometr. Häzirki wagtda Goranmak ministrliginiň we Jemgyýetçilik işleri ministrliginiň enjamlary şol ýerde ýerleşdirilýär we ulanylýar – diýip, Zabihulla Mujahid aýtdy.

Söwda we maýa goýum palatasynyň (ACCI) wekilleri ýurduň ýolbaşçylaryna Owganystanyň Pakistanyň üstaşyr geçelgesine bagly bolmazlygy üçin Wahan geçelgesiniň gurluşygyny gysga wagtda tamamlamagy haýyş edip ýüz tutdy.

«Biziň Hytaý bilen söwdamyz 80-den 90%-e çenli bolandygyna görä, Wahan geçelgesiniň gysga wagtda açylmagyny soraýarys» – diýip, ACCI-niň agzasy aýtdy.

# ÝYLYŇ IŇ TÄSIRLI ZENANLARYNYŇ SANAWY

Britan gazeti «The Financial Times» iň täsirli zenanlaryň sanawyny taýýarlady. Sanawa 25 zenan girizilip, olaryň arasynda aktrisa Margo Robbi, aýdymçy Beýonse we Ýewropa komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen ýaly dürli ugurlarda zähmet çekýän zenanlar bar.

Bu sanawda Eýranyň adam hukuklary boýunça hünärmeni Narges Mohammedi, «OpenAI» kompaniýasynyň tehnologiýa boýunça direktory Mira Murati, Birleşen Milletler Guramasynyň Biologiýa dürlüligi baradaky konwensiýasynyň (CBD) ýerine ýetiriji sekretary Elizabet Maruma Mrema we Braziliýanyň daşky gurşaw ministri Silwa Marina bar.



Mundan başga-da, neşiriň synçylary sanawa nigeriýaly ýazyjy we şahyr Lola Şoneýn, amerikaly aktrisa we ssenariçi Fren Dreşer, «Ernst & Young» konsalting kompaniýasynyň baş direktory Janet Trankeýl, Ýaponiýanyň «Suntory Beverage and Food» azyk kompaniýasynyň baş direktory Makiko Ono we wenger alymy Katalin Kariko dagyny girizdiler.

Sanawda ýazyjy we şahyr Barbara Kingsolwer, dizaýner Fibi Filo, hindi aktrisasy we aýdymçysy Aliýa Bhatt, «General Motors»-yň baş direktory Meri Barra we şweýsariýaly syýasatçy Karin Keller-Zutter bar.

Şeýle-de, gazet sanawa amerikaly alym we telekeçi Liza Daýsony, amerikanyň ulag kompaniýasy «United Parcel Service»-iň başlygy Kerol Tomy, lýuks egin-eşik öndürijisi «Kering»-iň ýolbaşçysy Mari-Kler Dawy we amerikaly tennisçi Koko Gauffy, ispaniýaly futbolçy Jennifer Ermosony girizdi.

# TARYHDA ŞU GÜN

1955-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Ýewropa Geňeşiniň parlament Assambleýasy bu guramanyň resmi baýdagyny tassyklady. Iň oňat baýdak dizaýny ugrundaky bäsleşige ýüzlerçe suratkeş gatnaşdy. Bäsleşikde Ýewropa Geňeşiniň işgäri Arsen Heýts ýeňiji bolup, gök düşekli baýdaga sary ýyldyzlary şekillendirmegi teklip etdi.



# BELGIÝA – 3 DILLI ÝURDA SYÝAHAT

**Ýewropada syýahatçylyk pudagynda öňdäki orunlary eýeleýän ýurtlaryň biri hem Belgiýadyr. Ýewropanyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän bu ýurt demirgazykda Niderlandlar, gündogarda Germaniýa, günorta-gündogarda Lýuksemburg, günorta-günbatarda Fransiýa bilen serhetleşýär. Ýurduň demirgazyk-günbataryny bolsa Demirgazyk deňzi ýuwýar. Meýdany 30 müň 689 inedördül kilometre barabar bolan ýurtda 11,5 milliondan gowrak ilat ýaşaýar. Gazetimiziň şu sanynda birnäçe taryhy ýadygärlikleri özünde jemleýän, aýdym-saz festiwallarynyň ýurdy hasaplanýan Belgiýa baradaky gyzykly maglumatlary size ýetirmegi makul bildik.**









**Belgiýada 3 dilde gepleşilýär.** Belgiýaly ýaşaýjylar niderland, fransuz we nemes dillerinde gepleşýärler. Ýurduň günbatar bölegi niderland, gündogar bölegi fransuz, Germaniýa bilen serhetleşýän bölegi nemes dilinde düşünişýär. Paýtagt şäher Brýusseliň ýurduň çatrygynda ýerleşýändigi sebäpli, şäherde 3 dil hem ulanylýar. Resmi taýdan 3 dilli ýurda gelýän syýahatçylarda ýaşaýjylar bilen düşünişmek kynçylygy ýüze çykmaýar. Ýurduň sebit mekdeplerinde resmi diller hem çuňlaşdyrylyp öwredilýär. Şeýlelikde, çagalar 14 ýaşyna çenli 3 dilde hem suwara gepläp bilýärler.

**Uzyn boýly erkekleriň ýurdy.** Dünýädäki iň uzyn boýly erkekleriň Niderlandlarda ýaşaýandygy barada bilýän bolsaňyz gerek. Bu ugurda 2-nji orun Belgiýa degişli. Deňeşdirmek üçin, niderland erkekleriniň ortaça boýy 182,5 santimetr, belgiýaly erkekleriň ortaça boýy 181,7 santimetr.

**Iň gowy aýdym-saz festiwallarynyň mekany.** «Rock Werchter», «Techno», «Boombal», «Dour» festiwallary Belgiýanyň meşhur aýdym-saz şüweleňidir. Aýdym-saz festiwallaryna dünýäniň dürli ýurtlaryndan ýaşlar gatnaşýar. Bu festiwallardan başga-da, ýurtda güllere bagyşlanan Çigildem festiwaly hem geçirilýär. Belgiýada her ýyl guralýan göçme Täze ýyl bazarlary Ýewropanyň iň gowy baýramçylyk bazarlary hasaplanýar.

**Belgiýada şäher atlary islendik wagtda üýtgäp biler.** Munuň sebäbi ýurtda 3 dürli sebitiň bardygy bilen baglanyşyklydyr. Walloniýa, flaman we german sebitleri şäherleri öz dilinde aýdýarlar. Mysal üçin, Brýussel şäherini Brugge (niderland), Brügge (nemes) we Bruges (fransuz) görnüşinde atlandyrýarlar.

**Belgiýa ÝUNESKO-nyň goragynda.** Belgiýada ÝUNESKO-nyň hasaba alan 17 mirasy bar. Olardan iň meşhury Brýuges şäheridir. Şäher tutuşlygyna diýen ýaly ÝUNESKO-nyň goragynda. Bu şäherde jaý edinmek isleýän adamlara berk düşündiriş işleri geçirilýär. Ýagny şäheriň gurluşygyny üýtgetmek, başga bir zatlar gurmak, hatda şäheriň diwarlaryna ýekeje çüý kakmak hem bolmaýar. Brýugesde ulanylýan düzgünler Belgiýanyň beýleki şäherlerinde duş gelmeýär.

**Wafli, kartoşka we şokolad meşhur iýmitler.** Belgiýa Şweýsariýa we Germaniýa ýaly şokoladlaryň ýurdy hasaplanýar. Ýurtda şokoladyň dürli görnüşini, şokoladly tagamlary dadyp görmek bolýar. Waflini halaýanlar üçin Belgiýada şerbet goşulyp, ýukajyk hamyrdan wafliniň dürli görnüşleri taýýarlanylýar. Kartoşka barada aýdylanda, esasan hem, ýurduň Fransiýa bilen serhetleşýän sebitinde 10 dürli kartoşka ösdürilip ýetişdirilýär. Kartoşka gowurmasy ýurduň meşhur tagamlarynyň biridir.

**Welosiped ulanmak ýörgünli.** Belgiýada jemgyýetçilik ulaglary gaty ýygy bolup, ýurduň Antwerp sebitinde 68 kilometrlik tramwaý liniýasy bar. Tramwaýdan düşmän ýurdy 5 ýewro bilen syýahat edip bolýar. Belgiýanyň ýer gurluşynyň beýikli-pesli bolandygy sebäpli, welosiped ulanmak has amatly. Tebigy we ykdysady taýdan amatly bolan welosipedler goňşy ýurtdan (Niderlandlar) getirilýär.

# Öýde ýola goýmaly ENDIKLER

**Her bir ynsanyň özüne mahsus häsiýetiniň we tebigy aýratynlygynyň bardygyna garamazdan, uzak günki işden ýa-da ýadawlykdan soň, öýde käbir zatlary ýerine ýetirmegi ýola goýmaly. Bilermenler gereginden artyk ýatyp dynç almagyň deregine, öýde maşgala agzalary bilen bilelikde meşgullanyp boljak dynç alyş endiklere eýermegi maslahat berýärler. Bu endikler adamyň işjeňligini artdyryp, stresi we aladalary aradan aýyrýar. Şeýle hem adamyň özüni şadyýan we rahat duýmagyna kömek edýär.**

1 **Ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek.** Toprak bilen bagly işler adamy rahatlandyryp, ukynyň hilini gowulandyrýar. Barmak myşsalaryny işjeňleşdirip, gan öýjükleriniň öndürilişini ýokarlandyrýar. Ösümlikler ekilende ýa-da otag gülleridir agaçlara ideg işleri geçirilende pikirler bir ýere jemlenip, adam özüni rahat duýýar. Durmuşa bolan kanagatlanma, hoşallyk duýgulary döreýär. Ösümlikleri ýetişdirmek işi bilelikde ýerine ýetirilende maşgala agzalary biri-birine has-da ýakynlaşyp, çagalarda tebigata we zähmete bolan söýgi artýar.



2 **Kitap okamak.** Okamak kynlyk bilen kabul edilýän teklipleriň biri bolsa-da, çeper eserlerdir gazet-žurnallary okamagy endik etmeli. Eserlerde durmuşy hakykatlar janlandyrylyp, sowallaryň çözgüdini tapyp bolýar. Bilermenler ýatmazdan öň kitap okamagyň adamy has-da rahatlandyrýandygyny, ukynyň hilini gowulandyryp, täzeçe pikirleriň döremegine kömek edýändigini belleýärler.

3 **Aýdym diňlemek.** Pessaýja ses bilen aýdym-saz diňlemek adamy rahatlandyryp, ýadawlygy aýyrýar. Bilermenler aýdymy gulaklykda diňlemegi maslahat bermeýärler. Munuň deregine çaý başynda ýa-da oturgyçda oturyp, gözüňi ýummak arkaly owazlary eşitmek aladalary ýatdan çykaryp, pikirleriňi jemlemäge mümkinçilik berýär.



4 **Arassaçylyk işleri.** Howlyny we öýüň içini tertiplemek, wagtly-wagtynda arassaçylyk işlerini geçirmek adamy rahatlandyrýar. Öýüň tozanyny süpürmekden başga-da, käte artykmaç öý goşlaryny we geýim-gejimleri azaltmaly. Ulanyşdan galan zatlary zibilhana taşlamaly. Arassaçylyk endigi adamda kanagatlanma duýgusyny döredip, özüni has ýeňil duýmagyna kömek edýär.

5 **Özüňe serenjam bermek.** Uzak günki işden we ýadawlykdan soň özüňe serenjam bermäge wagt tapylman biler. Belki özüňe serenjam bermäge höwesiň hem bolmaz. Ýöne muňa garamazdan özüňe wagt aýyrmagy endik etmeli. Adam özüne serenjam berse durmuşa höwesi artýar, özünden göwnühoş bolýar hem-de özüni arkaýyn duýýar.

6 **Ýakynlaryňa hat ýazmak.** Häzirki ösen döwürde eliňe ruçka ýa-da galam alyp, hat ýazmaga zerurlyk barmy?! Elbetde. Telefondyr kompýuterde hat ýazmak üçin programmalaryň bardygyna garamazdan, sms hatyň ornuny tutmaýar. «Hakyky hat» duýgularyňy we pikirleriňi beýan etmäge mümkinçilik berýär. Käte ýakynlarymyza aýdyp bilmeýän alkyşlarymyz, duýguly sözlerimiz bolýar. Şeýle ýagdaýda hat ýazmak iň gowy usullaryň biridir.



7 **Karaoke aýtmak.** Soňky ýyllarda ýoň bolan hem-de köpleriň gowy görýän güýmenjeleriniň biri hem karaokedir. Ýadawlykdan soň halaýan aýdymyňy karaoke görnüşinde aýtmak «içiňi dökmegiňe» ýardam edýär. Aýdym aýdyp bilýändigiňe ýa bilmeýändigiňe, sesiň nähilidigine garamazdan karaoke bilen meşgullanmaly. Muny maşgala agzalary bilen bilelikde hem ýerine ýetirip bolýar.

# Ertiriňiz haýyrly bolsun!

Gyş paslynyň gelmegi bilen biologik sagadymyzda birnäçe özgerişler bolup geçýär. Bu pasylda Günden gelýän şöhläniň peselmegi adamlarda sussupeslik duýgusyny döredýär. Uklamak üçin garaňkylygyň gerek bolşy ýaly, oýanmak üçin hem ýagtylyk zerur. Jahan ýagtylanda oýanmagy endik edinen bedenimiz gyşda günler gysgaldygyça garaňkylykda oýanmaly bolýar. Bu ýagdaý möwsümleýin depressiýa döredip, käbir alamatlary ýüze çykarýar.

Irden Gün şöhlesiniň düşmegi bilen bedenimizde bagt gormony bolan «seratonin» öndürilip başlanýar. Gyş paslynda garaňkylykda oýanýandygymyz sebäpli güne şadyýan başlamak kyn. Bu ýagdaý gowşaklyga, ünsüňi jemläp bilmezlige we ýygy-ýygydan ýüze çykýan dartgynly halatlara getirýär. Şeýle hem bedende D witamini ýetmezçilik edýär.



Bu oňaýsyz täsirleri azaltmak üçin, ilki bilen, ir ýatyp, ir turmagy endik etmeli. Irden turmak aňsat bolar ýaly öýde has ýagty çyralary ornaşdyrmaly. Mundan başga-da, Günüň şöhle saçýan wagty açyk howada gezelenç etmeli. Nahar wagtlaryny hem bedeniň biologik sagadyna görä sazlamaly. Gyş paslynda beloga baý önümleri, miwedir gök önümleri köpräk iýmeli.

# ILKINJI MÖWSÜMDE ILKINJI ÇEMPIONLYK

Türkmenistanyň futbol çempionatynda 2023-nji ýylyň çempiony belli boldy. 23-nji tapgyrda «Altyn asyr» toparyndan 4–0 hasabynda üstün çykan «Arkadag» topary möwsümiň tamamlanmagyna 4 tapgyr galanda, çempionlygyny yglan etdi. Duşuşykda «Arkadag» toparyna ýeňiş getiren gollary 44-nji we 68-nji minutlarda Welmyrat Ballakow bilen 58-nji we 60-njy minutlarda Didar Durdyýew geçirdi. Şunlukda, şu möwsümden başlap, ýurdumyzyň çempionatynda çykyş edip başlan «Arkadag» topary ilkinji möwsüminde çempion bolmagy başardy. Topar geçiren 20 duşuşygynyň ählisinde-de ýeňiş gazanyp, 60 utuk toplady. 5 oýny galan 44 utukly «Altyn asyr» toparynyň birinji orna bolan mümkinçiligi galmady.



Şeýle-de, 23-nji tapgyryň çäginde «Şagadam» öz meýdançasynda «Merwden» 2–1 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýeleriniň gollaryny Mekan Aşyrow (57 p) bilen Guwanç Abylow (78), myhmanlaryň ýeke-täk goluny-da Igor Sekow (37) derweze girizdi.

Paýtagt derbisinde-de «Köpetdag» bilen «Aşgabat» toparlary duşuşyp, myhmanlar 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda «Aşgabat» toparynyň gollarynyň üçüsini hem Hojanazar Gurbanow derweze girizip, ol 5-nji, 48-nji, 85-nji minutlarda tapawutlandy. «Köpetdagyň» ýeke-täk goluny bolsa 13-nji minutda Serdar Baýramow öz adyna ýazdyrdy.

Edil şeýle netije «Ahal» bilen «Energetik» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da hasaba alyndy. Ilkinji minutlarda garşylykly geçirilen gollardan soň «Ahal» topary 2-nji ýarymyň başynda hem-de ahyrlarynda ýene-de 2 pökgini tora girizmegi başardy. Oýunda «Ahalyň» adyndan Gurbanmuhammet Esenow (2, 46) bilen Begenç Mämiýew (86), «Energetik» toparynyň adyndanam Abdyresul Abdyýew (5) tapawutlandy.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» (Ç) | 20 | 20 | 0 | 0 | 70—14 | 60 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 19 | 14 | 2 | 3 | 49—18 | 44 |
| 3 | «NEBITÇI» | 20 | 10 | 4 | 6 | 32—27 | 34 |
| 4 | «AŞGABAT» | 22 | 9 | 3 | 10 | 32—43 | 30 |
| 5 | «AHAL» | 18 | 8 | 2 | 8 | 28—26 | 26 |
| 6 | «KÖPETDAG» | 21 | 7 | 4 | 10 | 28—42 | 25 |
| 7 | «ENERGETIK» | 21 | 5 | 1 | 15 | 15—42 | 16 |
| 8 | «ŞAGADAM» | 20 | 3 | 4 | 13 | 14—34 | 13 |
| 9 | «MERW» | 21 | 3 | 4 | 14 | 16—38 | 13 |

# SAUD ARABYSTANYNYŇ 4 kluby hem 1/8 finala çykdy



**AFK Çempionlar Ligasynda Günbatar zolagynyň toparçalardaky duşuşyklary tamamlanyp, 1/8 finala çykan klublar belli boldy.**

**«A» toparçada** «Pahtakory» myhmançylykda 4-1 hasabynda ýeňen «Al Feýha» topary 2-nji ýeri eýelemegi başardy. Duşuşykda Sakala (2), Mandaş hem-de Onýekuru arap klubuna ýeňiş getiren gollary geçirdi. «Ahal» bilen toparçanyň lideri «Al-Ain» toparynyň arasyndaky oýunda myhmanlar 2–1 (Rahimi 13 p, Atzili 32 p — Tagaýew 35) hasabynda üstün çykdy.

**«B» toparçada** «Nasaf» myhmançylykda «Al-Sadd» bilen deňme-deň oýnady (2–2). 11 utuk toplan «Nasaf» 1-nji ýeri eýeledi. Kataryň wekili «Al-Sadd» toparyna toplan 8 utugy 1/8 finala çykmak üçin ýeterlik bolmady.

**«C» toparçada** 1/8 finala çykandygy ozal belli bolan «Al-Ittihad» öz meýdançasynda 10 utukly «Sepahan» toparyny 2–1 hasabynda utdy. Bu netijeden soň iki klub hem ýaryşy dowam etdirer.

**«D» toparçada** «Al Hilal» öz meýdançasynda Eýranyň «Nassaji Mazandaran» toparyny 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Edil şol hasap bilen myhmançylykda «Mumbai Sitini» Iskanderow hem-de Dokiçiň gollary esasynda ýeňen Özbegistanyň «Nawbahor» topary 1/8 finalda oýnamaga hukuk gazandy.

**«E» toparçada** «Al Nassr» myhmançylykda Täjigistanyň «Istiklol» topary bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdylar. Duşuşykda arap klubunyň esasy ýyldyzlary meýdança çykmady. Öz meýdançasynda «Al-Duhailden» 2–1 hasabynda asgyn gelen «Persepolis» üçin bäsleşik wagtyndan ir tamamlandy.

Şunlukda, «A» toparçadan «Al-Ain» (BAE), «Al Feýha» (S. Arabystany), «B» toparçadan «Nasaf» (Özbegistan), «C» toparçadan «Al-Ittihad» (S. Arabystany), «Sepahan» (Eýran), «D» toparçadan «Al Hilal» (S. Arabystany), «Nawbahor» (Özbegistan) hem-de «E» toparçadan «Al Nassr» (S. Arabystany) – jemi 8 klub 1/8 finala çykmagy başardy. Saud Arabystanynyň 4 klubunyň hem 1/8 finala çykmagy aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Şeýle-de, 2 özbek kluby, BAE bilen Eýranyň hem hersinden 1 klub ýaryşy dowam etdirer.

Gündogar zolagyň toparçalardaky 6-njy duşuşyklary geljek hepdede geçiriler we 1/8 finalyň beýleki 5 klubunyň ählisi hem şol oýunlardan soň belli bolar. AFK Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri 28-nji dekabrda çekiler. Duşuşyklar bolsa geljek ýylyň fewral aýynda geçiriler.



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

**8-nji dekabr (anna)**

Galatasaraý – Adana Demirspor (22:00)
**Ýuwentus – Napoli (00:45)**

**9-njy dekabr (şenbe)**

Kristal Palas – Liwerpul (17:30)
Aýntraht – Bawariýa (19:30)
Betis – Real Madrid (20:15)
**Beşiktaş – Fenerbahçe (21:00)**
**Atalanta – Milan (22:00)**
**Aston Willa – Arsenal (22:30)**
**Borussiýa D – Leipsig (22:30)**
Wilýarreal – Real Sosiedad (22:30)
Inter – Udineze (00:45)
PSŽ – Nant (01:00)

**10-njy dekabr (ýekşenbe)**

Luton Tawn – Man Siti (19:00)
Ewerton – Çelsi (19:00)
**Ştutgart – Baýer (19:30)**
**Tottenham – Nýukasl (21:30)**
Roma – Fiorentina (00:45)
**Barselona – Žirona (01:00)**

# EURO 2024-iň BIJELERI ÇEKILDI

**Geljek ýylyň tomsunda geçiriljek futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionatynyň toparçalarynyň bijeleri çekildi. Germaniýanyň Hamburg şäherinde geçirilen bije çekiliş dabarasyna çempionata gatnaşýan ýygyndylaryň tälimçileri, şol sanda öňki-soňky ýyldyz futbolçylar, UEFA-nyň degişli ýolbaşçylary gatnaşdylar.**

Gatnaşýan 24 ýygyndy 4 topardan 6 toparça paýlandy. Her toparçada 1–2-nji orny eýelänler hem-de 3-nji orny alan toparlaryň iň gowy netije görkezen 4-si, jemi 16 ýygyndy 1/8 finala çykar.







Bijelere seredenimizde, ýer eýeleri Germaniýanyň ýygyndysy «A» toparçada Şotlandiýanyň, Wengriýanyň hem-de Şweýsariýanyň ýygyndylary bilen bije çekişdi.

Öňdebaryjy ýygyndylaryň 3-sini özünde jemleýän «B» toparçada Ispaniýanyň, Horwatiýanyň, Albaniýanyň hem-de soňky çempion Italiýanyň ýygyndylary özara duşuşarlar.

«C» toparçada esasy faworit bolan Angliýanyň ýygyndysy Sloweniýadyr Daniýanyň hem-de Serbiýanyň ýygyndylary bilen güýç synanyşar.

«D» toparçada Fransiýanyň, Niderlandlaryň, Awstriýanyň ýygyndylary hem-de Pleý-off «A» geçelgesinden geljek ýygyndylar duşuşarlar. Fransiýa bilen Niderlandlaryň ýygyndylary saýlama tapgyrynda bir toparça düşüpdi we 2 oýunda-da fransuzlar ýeňiş gazanypdy. Pleý-off «A» geçelgesinde Polşa – Estoniýa hem-de Uels – Finlýandiýa duşuşyklarynyň ýeňijileriniň biri ýaryşa gatnaşar.

«E» toparçada Belgiýanyň ýygyndysyna o diýen güýçli garşydaşlar düşmedi. Rumyniýanyň hem-de Slowakiýanyň ýygyndylary bilen bije çekişen Belgiýanyň ýygyndysynyň 3-nji bäsdeşi Pleý-off «B» geçelgesiniň ýeňijisi bolar. Ysraýyl – Islandiýa duşuşygynyň ýeňijisi Bosniýa we Gersegowina – Ukraina duşuşygynyň ýeňijisi bilen duşuşar. Finalda ýeňiş gazanan topar bolsa «E» toparça goşular.

«F» toparçada Portugaliýanyň ýygyndysy Türkiýäniň, Çehiýanyň hem-de Pleý-off «C» geçelgesinden geljek ýygyndylar bilen özara güýç synanyşar. Pleý-off «C» geçelgesindenem Gresiýa – Gazagystan duşuşygynyň ýa-da Gruziýa – Lýuksemburg duşuşygynyň ýeňijisi çempionata gatnaşar.

Pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary – ýarym final oýunlary 2024-nji ýylyň 21-nji martynda, final duşuşyklary bolsa 26-njy martda geçiriler. Çempionat 2024-nji ýylyň 14-nji iýuny – 14-nji iýuly aralygynda Germaniýanyň 10 şäherinde guralar.

**«A» toparça:** Germaniýa, Şotlandiýa, Wengriýa, Şweýsariýa

**«B» toparça:** Ispaniýa, Horwatiýa, Italiýa, Albaniýa

**«C» toparça:** Sloweniýa, Daniýa, Serbiýa, Angliýa

**«D» toparça:** Pleý-off «A», Niderlandlar, Awstriýa, Fransiýa

**«E» toparça:** Belgiýa, Slowakiýa, Rumyniýa, Pleý-off «B»

**«F» toparça:** Türkiýe, Pleý-off «C», Portugaliýa, Çehiýa

## PREMIER LEAGUE (15) — 24 gol

**Wulwerhempton—Börnli: 1–0** (Hi Çan Hwan 42), **Luton Tawn—Arsenal: 3–4** (Oşo 25, Adebaýo 49, Barkli 57 — Martinelli 20, Žesus 45, Hawerts 60, Raýs 90+7), **Braýton—Brentford: 2–1** (Gross 31, Hinşelwud 52 — Mbemo 27 p), **Fulham—Nottingam: 5–0** (Iwobi 30, 74, Himenes 34, 54, Kerni 86), **Şeffild Ýun.—Liwerpul: 0–2** (Wan Deýk 37, Soboslai 90+5), **K. Palas—Bornmut: 0–2** (Senesi 25, Mur 90+1), **Aston Willa—Man. Siti: 1–0** (Beýli 74), **Man. Ýunaýted—Çelsi: 2–1** (MakTomineý 19, 69 — Palmer 45), **Ewerton—Nýukasl, Tottenham—West Ham**

## LA LIGA (15) — 18 gol

**Las Palmas—Hetafe: 2–0** (Arauho 43, Herrera 90+2), **Žirona—Walensiýa: 2–1** (Stuani 83, 88 — Duro 57), **Atletik—Raýo Wallekano: 4–0** (Guruseta 23, Espino 47 ö.d., Iniaki Williams 64, Niko Williams 68), **Real Madrid—Granada: 2–0** (Diaz 26, Rodrigo 57), **Osasuna—Real Sosiedad: 1–1** (Moi Gomes 2 — Sadik 41), **Malýorka—Alawes: 0–0, Almeriýa—Betis: 0–0, Sewilýa—Wilýarreal: 1–1** (Salas 75 — Morales 77), **Barselona—Atletiko: 1–0** (Feliks 28), **Selta—Kadiz: 1–1** (Strand Larsen 57 — Ramos 16)

## SERIE A (14) — 30 gol

**Monza—Ýuwentus: 1–2** (Karboni 90+2 — Rabio 12, Gatti 90+4), **Jenoa—Empoli: 1–1** (Malinowskiý 37 — Kanselieri 67), **Lasio—Kaliari: 1–0** (Pedro 8), **Milan—Frozinone: 3–1** (Ýowiç 43, Pulişiç 50, Tomori 74 — Breşianini 82), **Leççe—Bolonýa: 1–1** (Pikkoli 90+10 p — Likoýannis 68), **Fiorentina—Salernitana: 3–0** (Beltran 6 p, Sottil 18, Bonawentura 56), **Udineze—Werona: 3–3** (Kabasele 16, Lukka 30, 72 — Džuriç 37 p, Ngong 61, Anri 90+6), **Sassuolo—Roma: 1–2** (Enrike 25 — Dibala 76 p, Kristensen 82), **Napoli—Inter: 0–3** (Çalhanoglu 44, Barella 62, Turam 85), **Torino—Atalanta: 3–0** (Zapata 22, 90+5, Sanabriýa 56 p)

## BUNDESLIGA (13) — 19 gol

**Darmştadt—Köln: 0–1** (Zelke 60), **Borussiýa M—Hoffenhaým: 2–1** (Plea 58, Hgumu 80 — Weghorst 61), **Bohum—Wolfsburg: 3–1** (Osterhage 19, Bernardo 39, Antwi-Ajeý 87 — Swanberg 45+1), **Leipsig—Haýdenhaým: 2–1** (Openda 29 p, Poulsen 44 — Gimber 45+2), **Ştutgart—Werder: 2–0** (Undaw 17, Girassi 75 p), **Maýns—Fraýburg: 0–1** (Gregoriç 69), **Baýer—Borussiýa D: 1–1** (Bonifase 79 — Rýuerson 5), **Augsburg—Aýntraht: 2–1** (Ýensen 35, Ýago 58 — Damen 78 ö.d.), **Bawariýa—Union Berlin** (soňa goýuldy)

## LIGUE 1 (14) — 22 gol

**Reýms—Strasbur: 2–1** (Riçardson 10, Darami 42 — Gameýro 88 p), **Lans—Lion: 3–2** (Said 26, Frankowski 52 p, 74 — O'Braýen 15, 72), **Nant—Nissa: 1–0** (Molle 25), **Le Hawr—PSŽ: 0–2** (Mbappe 23, Witinýa 89), **Brest—Klermon: 3–0** (De Kastilýo 20, 51, Pereýra Lage 34), **Monako—Monpelie: 2–0** (Minamino 9, Ben Ýedder 90+2), **Tuluza—Loriýan: 1–1** (Dallinga 72 — Dieng 90+1), **Lill—Mets: 2–0** (Ýazyjy 45+1, Dewid 45+6 p), **Marsel—Renn: 2–0** (Obameýang 8 p, Unai 65)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 15 | 11 | 3 | 1 | 33-14 | 36 |
| 2 | LIWERPUL | 15 | 10 | 4 | 1 | 34-14 | 34 |
| 3 | ASTON WILLA | 15 | 10 | 2 | 3 | 34-20 | 32 |
| 4 | MAN. SITI | 15 | 9 | 3 | 3 | 36-17 | 30 |
| 5 | TOTTENHAM | 14 | 8 | 3 | 3 | 28-20 | 27 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 15 | 9 | 0 | 6 | 18-18 | 27 |
| 7 | NÝUKASL | 14 | 8 | 2 | 4 | 32-14 | 26 |
| 8 | BRAÝTON | 15 | 7 | 4 | 4 | 32-27 | 25 |
| 9 | WEST HAM | 14 | 6 | 3 | 5 | 24-24 | 21 |
| 10 | ÇELSI | 15 | 5 | 4 | 6 | 26-24 | 19 |
| 11 | BRENTFORD | 15 | 5 | 4 | 6 | 23-21 | 19 |
| 12 | FULHAM | 15 | 5 | 3 | 7 | 21-26 | 18 |
| 13 | W. HEMPTON | 15 | 5 | 3 | 7 | 20-25 | 18 |
| 14 | K. PALAS | 15 | 4 | 4 | 7 | 14-21 | 16 |
| 15 | BORNMUT | 15 | 4 | 4 | 7 | 18-30 | 16 |
| 16 | NOTTINGAM | 15 | 3 | 4 | 8 | 16-27 | 13 |
| 17 | LUTON TAWN | 15 | 2 | 3 | 10 | 16-30 | 9 |
| 18 | EWERTON | 14 | 5 | 2 | 7 | 15-20 | 7 |
| 19 | BÖRNLI | 15 | 2 | 1 | 12 | 15-33 | 7 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 15 | 1 | 2 | 12 | 11-41 | 5 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 15 | 12 | 2 | 1 | 33-9 | 38 |
| 2 | ŽIRONA | 15 | 12 | 2 | 1 | 34-18 | 38 |
| 3 | BARSELONA | 15 | 10 | 4 | 1 | 28-14 | 34 |
| 4 | ATLETIKO M | 14 | 10 | 1 | 3 | 30-13 | 31 |
| 5 | ATLETIK B | 15 | 8 | 4 | 3 | 30-18 | 28 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 15 | 7 | 5 | 3 | 26-18 | 26 |
| 7 | BETIS | 15 | 6 | 7 | 2 | 18-16 | 25 |
| 8 | LAS PALMAS | 15 | 6 | 3 | 6 | 13-13 | 21 |
| 9 | HETAFE | 15 | 4 | 7 | 4 | 17-20 | 19 |
| 10 | WALENSIÝA | 15 | 5 | 4 | 6 | 17-20 | 19 |
| 11 | R. WALLEKANO | 15 | 4 | 7 | 4 | 16-22 | 19 |
| 12 | WILÝARREAL | 15 | 4 | 4 | 7 | 22-26 | 16 |
| 13 | ALAWES | 15 | 4 | 4 | 7 | 14-19 | 16 |
| 14 | OSASUNA | 15 | 4 | 3 | 8 | 17-25 | 15 |
| 15 | SEWILÝA | 14 | 2 | 7 | 5 | 20-20 | 13 |
| 16 | KADIZ | 15 | 2 | 6 | 7 | 12-22 | 12 |
| 17 | MALÝORKA | 15 | 1 | 8 | 6 | 13-20 | 11 |
| 18 | SELTA | 15 | 1 | 6 | 8 | 15-25 | 9 |
| 19 | GRANADA | 15 | 1 | 4 | 10 | 19-35 | 7 |
| 20 | ALMERIÝA | 15 | 0 | 4 | 11 | 16-37 | 4 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 14 | 11 | 2 | 1 | 33-7 | 35 |
| 2 | ÝUWENTUS | 14 | 10 | 3 | 1 | 22-9 | 33 |
| 3 | MILAN | 14 | 9 | 2 | 3 | 24-15 | 29 |
| 4 | ROMA | 14 | 7 | 3 | 4 | 27-16 | 24 |
| 5 | NAPOLI | 14 | 7 | 3 | 4 | 26-17 | 24 |
| 6 | FIORENTINA | 14 | 7 | 2 | 5 | 23-17 | 23 |
| 7 | BOLONÝA | 14 | 5 | 7 | 2 | 16-11 | 22 |
| 8 | LASIO | 14 | 6 | 2 | 6 | 15-15 | 20 |
| 9 | ATALANTA | 14 | 6 | 2 | 6 | 21-16 | 20 |
| 10 | TORINO | 14 | 5 | 4 | 5 | 13-16 | 19 |
| 11 | MONZA | 14 | 4 | 6 | 4 | 15-14 | 18 |
| 12 | FROZINONE | 14 | 5 | 3 | 6 | 20-24 | 18 |
| 13 | LEÇÇE | 14 | 3 | 7 | 4 | 16-19 | 16 |
| 14 | JENOA | 14 | 4 | 3 | 7 | 15-19 | 15 |
| 15 | SASSUOLO | 14 | 4 | 3 | 7 | 21-26 | 15 |
| 16 | UDINEZE | 14 | 1 | 9 | 4 | 12-21 | 12 |
| 17 | EMPOLI | 14 | 3 | 2 | 9 | 9-26 | 11 |
| 18 | WERONA | 14 | 2 | 4 | 8 | 12-21 | 10 |
| 19 | KALIARI | 14 | 2 | 4 | 8 | 13-26 | 10 |
| 20 | SALERNITANA | 14 | 1 | 5 | 8 | 10–28 | 8 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 13 | 11 | 2 | 0 | 38-11 | 35 |
| 2 | BAWARIÝA | 12 | 10 | 2 | 0 | 43-9 | 32 |
| 3 | ŞTUTGART | 13 | 10 | 0 | 3 | 33-15 | 30 |
| 4 | LEIPSIG | 13 | 8 | 2 | 3 | 31-13 | 26 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 13 | 7 | 4 | 2 | 26-20 | 25 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 13 | 6 | 2 | 5 | 25-23 | 20 |
| 7 | AÝNTRAHT | 13 | 4 | 6 | 3 | 19-15 | 18 |
| 8 | FRAÝBURG | 13 | 5 | 3 | 5 | 16-23 | 18 |
| 9 | AUGSBURG | 13 | 4 | 5 | 4 | 23-25 | 17 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 13 | 4 | 4 | 5 | 27-28 | 16 |
| 11 | WOLFSBURG | 13 | 5 | 1 | 7 | 18-24 | 16 |
| 12 | BOHUM | 13 | 2 | 7 | 4 | 14-26 | 13 |
| 13 | WERDER | 13 | 3 | 2 | 8 | 18-27 | 11 |
| 14 | HAÝDENHAÝM | 13 | 3 | 2 | 8 | 18-28 | 11 |
| 15 | KÖLN | 13 | 2 | 3 | 8 | 10--24 | 9 |
| 16 | DARMŞTADT | 13 | 2 | 3 | 8 | 15-34 | 9 |
| 17 | MAÝNS | 13 | 1 | 5 | 7 | 12--26 | 8 |
| 18 | UNION BERLIN | 12 | 2 | 1 | 9 | 12--27 | 7 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 14 | 10 | 3 | 1 | 36-11 | 33 |
| 2 | NISSA | 14 | 8 | 5 | 1 | 14-5 | 29 |
| 3 | MONAKO | 14 | 8 | 3 | 3 | 29-19 | 27 |
| 4 | LILL | 14 | 7 | 5 | 2 | 19-11 | 26 |
| 5 | REÝMS | 14 | 7 | 2 | 5 | 20-19 | 23 |
| 6 | LANS | 14 | 6 | 4 | 4 | 19-15 | 22 |
| 7 | BREST | 13 | 6 | 3 | 4 | 17-14 | 21 |
| 8 | MARSEL | 14 | 5 | 5 | 4 | 18-14 | 20 |
| 9 | NANT | 14 | 5 | 3 | 6 | 18-23 | 18 |
| 10 | LE HAWR | 14 | 3 | 7 | 4 | 12--15 | 16 |
| 11 | METS | 14 | 4 | 4 | 6 | 15-22 | 16 |
| 12 | RENN | 14 | 3 | 6 | 5 | 19-19 | 15 |
| 13 | MONPELIE | 14 | 3 | 5 | 6 | 17-20 | 13 |
| 14 | TULUZA | 14 | 2 | 7 | 5 | 14-18 | 13 |
| 15 | STRASBUR | 13 | 3 | 4 | 6 | 11--18 | 13 |
| 16 | LORIÝAN | 14 | 2 | 6 | 6 | 18-25 | 12 |
| 17 | KLERMON | 14 | 2 | 4 | 8 | 9--21 | 10 |
| 18 | LION | 14 | 1 | 4 | 9 | 11--27 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 14 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 10 |
| 3 | Hyn Min SON (Tottenham) | 9 |
| 4 | Jarred BOWEN (West Ham) | 8 |
| 5 | Hi Çan HWAN (Wulwerhempton) | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 11 |
| 2 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 9 |
| 3 | Žerar MORENO (Wilýarreal) | 8 |
| 4 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 8 |
| 5 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 13 |
| 2 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 7 |
| 3 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 7 |
| 4 | Romelu LUKAKU (Roma) | 6 |
| 5 | Andrea KOLPANI (Monza) | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 18 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 16 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 10 |
| 4 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 9 |
| 5 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 15 |
| 2 | Akor ADAMS (Monpelie) | 7 |
| 3 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 6 |
| 4 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 5 |
| 5 | Aleksandr GOLOWIN (Monako) | 5 |

# «Mançester Siti» toparyna 4 duşuşykdan bäri ýeňiş gazanmak başardanok

**Angliýanyň çempionatynda** soňky 7 günüň dowamynda 2 tapgyryň duşuşyklary geçirilip, çempion «Mançester Siti» 14-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Tottenham» bilen deňme-deň oýnanyndan soň, myhmançylykda «Aston Willadan» 1–0 hasabynda asgyn geldi. «Mançester Siti» 2017-nji ýyldan soň yzly-yzyna 4 duşuşykda





ýeňiş gazanyp bilmedi. «Nýukasldan» 1–0 asgyn gelen «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda MakTomineýiň gollary bilen «Çelsini» 2–1 hasabynda ýeňdi. 14-nji tapgyrda «Fulhamy» 4–3 hasabynda ýeňen «Liwerpul» myhmançylykda «Şeffild Ýunaýtedden» Wan Deýk hem-de Soboslainiň gollary bilen üstün çykdy (2–0). Sanawyň lideri «Arsenal» ilki «Wulwerhemptony» 2–1, soňra myhmançylykda «Luton Tawny» Raýsyň 90+7-nji minutdaky ýeňiş goly bilen 4–3 hasabynda utdy.

**Italiýanyň çempionatynda** «Inter» soňky çempion «Napolini» myhmançylykda 3–0 hasabynda ýeňdi. «Inter» toparyna ýeňiş getiren gollary Çalhanoglu, Barella hem-de Turam geçirdi. 2-nji ýerdäki «Ýuwentus» myhmançylykda «Monza» bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Monza» topary 90+2-nji minutda hasaby deňlese-de, turinliler 90+4-nji ýeňiş gazanmagy başardy. «Milan» topary-da «Frozinone» toparyny Ýowiç, Pulişiç, Tomoriniň gollary bilen 3–1 hasabynda utdy.

**Ispaniýanyň çempionaty** «La Ligada» 15-nji tapgyrda «Barselona» öz meýdançasynda «Atletiko Madridi» garşydaşyndan kärendesine alan oýunçysy Žoao Feliksiň ýeke-täk goly bilen ýeňdi. «Atletiko» toparyna «Barselonany» myhmançylykda 2006-njy ýyldan bäri ýeňmek başardanok (24 oýun). Sanawyň lideri «Real Madrid» öz meýdançasynda «Granadadan» Braim Diaz hem-de Rodrigonyň gollary bilen 2–0 üstün çykdy. Garaşylmadyk öňdebaryjy «Žirona» öz meýdançasynda «Walensiýa» bilen duşuşdy. Duşuşykda «Walensiýa» 57-nji minutda Duronyň goly bilen öňe geçse-de, ýer eýeleri 37 ýaşyndaky hüjümçisi Stuaniniň 83-nji we 88-nji minutlarda geçiren gollary esasynda ýeňşini baýram etdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ myhmançylykda «Le Hawr» toparyny Mbappe (23) hem-de Witinýanyň (89) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. PSŽ 10-njy minutda derwezeçisi Donnarummanyň gyzyl kart almagyndan soň 1 oýunçy kem oýnady. «Nant» bilen «Nissanyň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri Molleniň 25-nji minutda geçiren goly bilen ýeňiş, gazanyp, ýeňlişsiz gelýän garşydaşynyň bu derejesini soňlandyrdy. Şunlukda, «Ligue 1»-de ýeňlişsiz klub galmady. «Lill» öz meýdançasynda «Metsi» 2–0 hasabynda utdy. Duşuşykda myhman toparyň oýunçylary (Elisar 29, Kamara 55) 2 gezek 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmediler.

**Germaniýanyň çempionatynda** ýeňlişsiz barýan «Baýer» topary öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmund» toparlary 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdylar (Bonifase 79 — Rýuerson 5). «Bawariýa»—«Union Berlin» duşuşygy güýçli ýagan gar sebäpli geljek ýylyň 24-nji ýanwaryna geçirildi.

«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
«TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Birleşen Milletler Guramasy mundan 28 ýyl ozal, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda 185 döwletiň biragyzdan goldamagynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar etdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 28 ýyllyk toýu ny täze ýeňişler we üstünlikler bilen garşylaýan halkymyz we Sizi bu şanly sene mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Size uly üstünlikleriň ýar bolmagyny, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň
«TÜRKMENTURBA» zawodynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowaeco

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi hem-de halkymyzy Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny bütin dünýä ykrar etdi.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Baýramçylyk gutlagymyzyň üsti bilen Size berk jan saglyk, uzak ömür, ata Watanymyz Türkmenistanyň dünýädäki abraýynyň mundan beýläk-de barha artmagy üçin alyp barýan ilýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyk, halkymyza bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# HEMIŞELIK BITARAPLYGYMYZYŇ 28 ÝYLLYGYNA

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 28 ýyllygy bilen tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistan hemişelik Bitaraplygyň hukuk esaslaryna daýanyp, halkara gatnaşyklaryny barha berkidýär, dünýä derejesinde uly üstünliklere eýe bolýar. Hut Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň kabul eden Rezolýusiýasyna laýyklykda her ýylyň 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýlip yglan edildi.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Goý, Siziň belent başyňyz aman, janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli işleriňiz rowaç bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
## СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

От имени компании «EDC Romfor Limited» разрешите выразить самые теплые поздравления по случаю знаменательного праздника – Международного Дня Нейтралитета.

Туркменистан – страна с богатейшей историей, уникальным природным и духовным богатством. Годы нейтралитета показали, что путь активного социально-экономического прогресса, избранный Туркменистаном, всецело отвечает национальным интересам народа. Для нас высокая честь продолжать многолетнее сотрудничество, участвуя в реализации развёрнутых в Туркменистане масштабных программ.

Пусть каждый Ваш день будет наполнен положительными эмоциями и гордостью за туркменский народ и туркменскую землю, такую огромную и родную для всех нас! От всей души желаем Вам и туркменскому народу мира, добра, здоровья и благополучия!

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании
«EDC Romfor Limited».**

## AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Size we halkymyza Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 28 ýyllygynyň şanly toýy mynasybetli iň gowy arzuwlarymyzy ýetirýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Hemişelik Bitaraplyk halkymyzyň aýratyn buýsanjynyň çeşmesine öwrüldi we asyrlarboýy şeýle bolmagynda hem galar. Baýramçylyk gutlagymyzyň üsti bilen Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, mertebäňiziň belent bolmagyny we ýurdumyzyň gülläp ösmegini arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW!**

Sizi we ähli türkmen halkyny Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, türkmen halkynyň her gününiň bagtyýarlyga beslenmegi üçin edýän tagallalaryňyzy durmuşa geçirmekde gudraty güýçli Allatagala Size güýç-kuwwat bersin, janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun!

**Joe Spytek,
«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN
SERDAR BERDIMUHAMEDOV!**

We are extending our warmest congratulations to your Excellency and all the Turkmen people on the celebration of Neutrality Day.

May the Almighty Allah bestow Your Excellency strength, good health and long life to realize Your efforts to take the Permanently Neutral State of Independent Turkmenistan and its people to Prosperity and happiness!

**Joe Spytek,
CEO «Speedcast».**

## AJAÝYP BINA

HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Bu şanly baýram mynasybetli Size ýetirýän iň oňat arzuwlarymyzy kabul ediň!

1995-nji ýylyň 12-nji dekabry halkymyzyň taryhyndaky şanly seneleriň biri hökmünde Türkmenistanyň senenamasyna altyn harplar bilen ýazyldy. Şol gün BMG-niň Baş Assambleýasy dünýäniň 185 döwletiniň biragyzdan goldamagy bilen Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýän Rezolýusiýany kabul etdi. 2017-nji ýylyň fewralynda bolsa Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň alyp barýan işjeň daşary syýasatynyň uly goldawa eýe bolandygyny tassyklaýar. Dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmak we ýurtlaryň arasynda dostlukly hyzmatdaşlygy ýola goýmak, birek-biregi goldamak hemişe gülläp ösüşe alyp barýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bolup geçýän bimöçber işler, şolaryň netijesinde, döwletiň ykdysadyýetiniň we ilatyň durmuş derejesiniň ýokary depginler bilen ösmegi bizi has-da begendirýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Baýramçylyk gutlagymyzyň üsti bilen Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, işiňiziň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi giňden bellenilýän Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

1995-nji ýylyň 12-nji dekabry Türkmenistanyň taryhyna örän möhüm syýasy seneleriň biri hökmünde ýazyldy. Mundan 28 ýyl ozal Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan taryhy Rezolýusiýanyň kabul edilmegi bilen Türkmenistan döwletimiz hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe boldy. Şu gysga taryhy döwrüň içinde ýurdumyz parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek ugrunda dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalary bilen sazlaşykly gatnaşyklary ýola goýmak, halkara hyzmatdaşlygynyň düýbünden täze, netijeli ýollaryny we ugurlaryny kemala getirmek babatynda gymmatly tejribeleri toplady. Türkmenistan döwletimiz asyrlaryň dowamynda kemala gelen parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini rowaçlandyrmak, BMG-niň hem-de beýleki abraýly halkara guramalarynyň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyga gönükdirilen başlangyçlary öňe sürmek, syýasy, ykdysady, ylmy-tehniki, medeniýnsanperwer ugurlarda halkara taslamalaryny we maksatnamalaryny durmuşa geçirmek bilen, Bitaraplyk syýasatynyň dünýä üçin nusgalyk bolmagyny gazandy.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi parahatçylygy, dostlugy, ynsanperwerligi hem-de hoşniýetliligi dabaralandyrýan şanly baýram bolan Halkara Bitaraplyk güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Size berk jan saglyk, abadan we bagtyýar durmuş, bedew bady bilen ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan eziz Watanymyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýurdumyzda uly ruhubelentlik, çäksiz şatlyk we buýsanç bilen bellenip geçilýän Halkara Bitaraplyk güni – Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 28 ýyllyk şanly toýy bilen agzybir işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

1995-nji ýylyň 12-nji dekabry ýurdumyzyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy. Şol gün Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy baradaky taryhy Rezolýusiýany biragyzdan kabul etdi. Şeýle hem 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy sessiýasynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakynda Rezolýusiýasyny ikinji gezek kabul etmegi, 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda geçirilen 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraý-mertebesini has-da belende göterdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Biziň agzybir işgärlerimiz Siziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi tanalmaz derejede özgerdýän, dünýäde syýasy taýdan durnukly, ykdysady taýdan kuwwatly ýurtlaryň birine öwürýän beýik üstünlikleriňize guwanýarlar we buýsanýarlar. Eziz Diýarymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda ähli tejribämizi we başarnygymyzy gaýgyrman, tutanýerli we jan aýaman zähmet çekjekdigimize Sizi ynandyrýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkara Bitaraplyk güni – Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 28 ýyllyk şanly toýy mynasybetli Sizi ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys! Siziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç almagyny, ömrüňiziň uzak, janyňyzyň sag, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde giňden bellenilýän Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy bilen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edileni bäri geçen döwrüň içinde Türkmenistan Watanymyz uly üstünliklere eýe bolup, dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşuldy. Merkezi Aziýada parahatçylyk dörediji döwlet hökmünde giňden ykrar edildi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara jemgyýetçiligi tarapyndan diňe bir möhüm syýasy ýagdaý däl-de, eýsem, sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen parahatçylyksöýüjilikli başlangyçlary amala aşyrmagyň täsirli guraly hökmünde kabul edilýär. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 28 ýylynda Türkmenistanyň ak mermere beslenen gözel paýtagty Aşgabat şäheri parahatçylygyň, ylalaşygyň we halklaryň arasyndaky dostlugyň merkezine öwrüldi.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Goý, Siziň parasatly baştutanlygyňyzda hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýörelgelerini öňe sürýän eziz Watanymyzyň kuwwatly we abadan döwlet hökmünde abraýy dünýä dolsun! Sizi ýene-de bir gezek şanly baýram bilen gutlap, berk jan saglyk, bagtyýarlyk, egsilmez güýç-kuwwat, agzybir halkymyza bolsa abadançylygy we rowaçlygy arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we agzybir halkymyzy Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 28 ýyllyk toýy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy ählumumy parahatçylygyň we ylalaşygyň pugtalanmagy üçin tagallalary birleşdirýän, özara düşünişmäge hem-de ynanyşmaga esaslanýan gatnaşyklary ýola goýýan ýurt hökmünde türkmen döwletiniň dünýädäki abraýyny has-da artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Birleşen Milletler Guramasynyň 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmegi sebitde we Ýer ýüzünde parahatçylygy hem-de durnuklylygy üpjün etmekde möhüm ädim boldy. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan wagtyndan bäri Ýer ýüzüniň ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary pugtalandyryp, sebit durnuklylygynyň we ösüşiniň berkidilmegine saldamly goşant goşup gelýär.

Birleşen Milletler Guramasyna agza ýurtlaryň hemmesiniň biragyzdan goldan we ykrar eden Halkara Bitaraplyk güni türkmen döwletiniň häzirki zaman taryhynda düýpli öwrülişik bolmak bilen, ýurduň gülläp ösüşi, parahatçylygy we asudalygy üpjün etmekde ähmiýetli waka bolup durýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi ýene-de bir gezek şanly baýram bilen gutlap, berk jan saglyk, bagtyýarlyk, egsilmez gujur-gaýrat, halkymyza bolsa abadançylygy we rowaçlygy tüýs ýürekden arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi agzybir işgärlerimiziň adyndan eziz Türkmenistan – ata Watanymyzyň şanly baýramlarynyň naýbaşylarynyň biri – Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň alyp barýan işjeň daşary syýasatynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldawa eýe bolandygyny ýene bir gezek görkezdi. Ýer ýüzünde parahatçylygy pugtalandyrmak, özara hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek ýaly ugurlarda Türkmenistan dünýä nusgalyk işleri durmuşa geçirýär. Türkmenistan hoşniýetli daşary syýasaty bilen dünýäniň möhüm parahatçylyk we ynsanperwerlik merkezleriniň birine öwrüldi. Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ata Watanymyz Türkmenistan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belent sepgitlere ýetýär, günsaýyn gazanylýan üstünlikler özüniň miwelerini eçilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ýene-de bir gezek Halkara Bitaraplyk güni bilen gutlaýarys! Halkymyzyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutanýerli işleriňiziň rowaç bolmagyny arzuw edýäris! Goý, Siziň janyňyz sag, başyňyz dik, mertebäňiz belent bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# IRAN KHODRO Industrial Group

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi we ähli türkmen halkyny Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda 185 döwletiň biragyzdan ses bermeginde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy ykrar edildi. Parahatçylyk ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmak, agzybirlige sarpa goýmak, birek-birege ýardam bermek türkmen halkynyň milli ýörelgelerinden gözbaş alýar. Hut Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisiniň kabul eden Rezolýusiýasyna laýyklykda her ýylyň 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýlip yglan edildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmakda biziň kärhanamyzyň hem mynasyp goşandynyň bardygyna guwanýarys. Kärhanamyz Türkmenistanda giň gerim bilen alnyp barylýan işlere öz goşandyny goşýar.

Bizem Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 28 ýyllygynyň dabaraly bellenilip geçilýän günlerinde agzybir işgärlerimiziň adyndan türkmen halkyna baky bagtyýar durmuşy peşgeş berip, öz eziz ilini täze belentliklere alyp barýan **hormatly Prezident** – Sizi Halkara Bitaraplyk güni bilen ýene-de bir gezek gutlap, berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan tutumly işleriňizde üstünlik arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO»**
**Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BANK SADERAT IRAN
## Ashgabat branch



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi Türkmenistanyň milli baýramy – «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilen ýylda giňden bellenilýän hemişelik Bitaraplygyň şanly 28 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezident!** Siziň döwlet baştutanlygyňyzda dünýä halklary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ileri tutýan hem-de halkara hukuk kadalaryny we borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ýurt hökmünde Türkmenistanyň abraýy has-da belende galýar. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň öňe sürýän asylly başlangyçlarynyň Milletler Bileleşigi tarapyndan giňden ykrar edilýändigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Şu ýylda türkmen-eýran hyzmatdaşlyk gatnaşyklary has-da ösdürildi. Eýran Yslam Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-eýran toparynyň 17-nji mejlisiniň hem-de «Iran Prože» atly ýöriteleşdirilen serginiň üstünlikli geçirilmegi iki döwletiň gatnaşyklarynyň has-da berkeýändiginiň subutnamasydyr.

**Hormatly Prezident!** Sizi ýene-de bir gezek Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli gutlap, berk jan saglyk, uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de iň ýokary döwlet wezipesindäki jogapkärli işiňizde üstünlikleri arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Dolandyryjy Soruş HASSANI.**

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI JENAP SERDAR GURBANGULYÝEWIÇ BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

«Bouygues Turkmen» şereketiniň adyndan, şanly baýramçylyk – Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli mähirli gutlaglarymyzy we iň gowy arzuwlarymyzy beýan etmäge rugsat ediň! Ýokary watançylyk duýgusyny kemala getirýän bu milli baýramçylygyň bellenilmegi, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gazananlaryna buýsanjy artdyrýar.

Garaşsyzlyk we Bitaraplyk – türkmen döwletliliginiň iki sütünidir. Hemişelik Bitaraplyk syýasaty sosial-ykdysady görkezijileriň durnukly ösmegi üçin şertler döretdi, halkara meselelerinde ygtybarly we konstruktiw hyzmatdaş hökmünde Türkmenistana abraý gazandyrdy we kuwwatly döwlet hökmünde ýurduň ösmegine goşant goşdy.

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident**, köpugurly işleriňizde we Garaşsyz döwletiň täze eýýamynyň galkynýan döwründe alyp barýan işleriňizde rowaçlyk, şeýle hem Size we ähli türkmen halkyna berk jan saglyk, abadançylyk we egsilmez gujur-gaýrat arzuw edýäris.

Biziň iş toparymyz hyzmatlaryň möhletleriniň we ýokary hiliniň berjaý edilmegini üpjün etmek, alnyp barylýan işleriň dowamynda iň ýokary tehniki howpsuzlyk derejesini üpjün etmek üçin ähli tagallalary eder. Biziň zähmetimiziň netijesiniň Siziň ähli islegleriňize we müşderilerimiziň talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge çalşarys.

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident, biziň hoşniýetli arzuwlarymyzy hem-de Size çuňňur hormat goýýandygymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul ediň!**

**«BOUYGUES TURKMEN»**
**şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ ГУРБАНГУЛЫЕВИЧУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Господин Президент!**

От имени компании «Буиг Туркмен» разрешите выразить самые теплые поздравления и пожелания по поводу знаменательного праздника – Международного Дня Нейтралитета. Празднование этого национального праздника, формирующего высокое чувство патриотизма, приумножает гордость за достижения Независимого, Нейтрального Туркменистана.

Независимость и Нейтралитет – это две основы туркменской государственности. Политика постоянного нейтралитета обеспечила условия для устойчивого роста социально-экономических показателей, снискала Туркменистану репутацию надежного и конструктивного партнера в международных делах и способствовала развитию страны как сильного государства.

Желаем Вам, **глубокоуважаемый Господин Президент**, больших успехов в Вашей многогранной деятельности и достижения намеченных целей в период возрождения новой эпохи суверенного государства, а также крепкого здоровья, благополучия и неиссякаемой энергии на долгие годы Вам и всему туркменскому народу.

Наш трудовой коллектив приложит все усилия для обеспечения соблюдения сроков и высокого качества предоставляемых услуг, поддержки самого высокого уровня техники безопасности при ведении работ и будем стремиться к тому, чтобы результат нашей работы оправдал все Ваши ожидания и требования наших заказчиков.

**Соблаговолите принять, глубокоуважаемый Господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении.**

**Руководство и сотрудники компании**
**«BOUYGUES TURKMEN»**

**CNPC**

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**
**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с Международным Днём Нейтралитета! Желаем Вам крепкого здоровья, долгих лет жизни и успехов в государственной деятельности!

Принятие 28 лет назад, 12 декабря 1995 года, на сессии Генеральной Ассамблеи ООН при единогласной поддержке 185 государств мира специальной Резолюции о постоянном нейтралитете Туркменистана, а также повторное принятие данной Резолюции 3 июня 2015 года на 69-й сессии Генассамблеи этой Организации при единогласной поддержке 193 государств является знаменательным событием в мировой истории.

В первые годы независимости объявление Туркменистаном нейтралитета явилось важным событием в истории туркменской государственности и определило приоритетные направления внутреннего и внешнего политического развития страны.

За истекший период политика нейтралитета Туркменистана ярко проявила себя как действенный фактор последовательного укрепления отношений дружбы, солидарности, взаимовыгодного сотрудничества со всеми странами мира и прежде всего добрососедских отношений со странами всего мира.

Ещё раз от всей души поздравляем Вас с Международным Днём Нейтралитета и 28 летием постоянного нейтралитета Туркменистана! Желаем Вам крепкого здоровья, долгих лет жизни, успехов в великих начинаниях во имя процветания страны!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,**
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

**«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.»** kompaniýasynyň adyndan, şanly baýramçylyk – Halkara Bitaraplyk güni hem-de Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň güni mynasybetli mähirli gutlaglarymyzy, iň gowy arzuwlarymyzy beýan etmäge rugsat ediň! 12-nji dekabr – Halkara Bitaraplyk güni Türkmenistanyň ylalaşdyryjylyk hem-de döredijilik ugruna üýtgewsiz ygrarlydygynyň nyşany boldy. Türkmenistanyň Bitaraplygy parahatçylygyň, howpsuzlygyň, dostlugyň, netijeli hyzmatdaşlygyň esasydyr we ähli ýurtlar üçin nusgalykdyr.

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident,** köpugurly işleriňizde we Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly üstünlikler gazanmagyňyzy, şeýle hem Size we ähli türkmen halkyna berk jan saglyk, abadançylyk, egsilmez gujur-gaýrat arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**ГЛУБОКОУВАЖАЕМОМУ ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

От имени компании «**HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD**.» разрешите выразить самые теплые поздравления и пожелания по поводу знаменательного праздника – Международного Дня Нейтралитета и День работников нефтегазовой промышленности и геологии Туркменистана. День Международного Нейтралитета – 12 декабря, стал символом приверженности Туркменистана неизменному курсу миротворчества и созидательности. Нейтралитет Туркменистана – основа мира и безопасности, дружбы и плодотворного сотрудничества и является примером для всех стран.

Желаем Вам, **глубокоуважаемый господин Президент,** больших успехов в Вашей многогранной деятельности и достижения намеченных целей в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства, а также крепкого здоровья, благополучия и неиссякаемой энергии на долгие годы Вам и всему туркменскому народу.

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании «HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.».**



HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

Kompaniýamyzyň adyndan Sizi Halkara Bitaraplyk güni bilen gyzgyn gutlaýarys!

Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlygynyň berkidilmegi hem-de goralmagy, milli ykdysadyýetiň okgunly ösüşiniň çaltlandyrylmagy, şeýle hem halkyň hal-ýagdaýynyň maksatnamalaýyn gowulandyrylmagy babatda saýlap alan ugry we işjeň ýagdaýda alnyp barylýan hemişelik Bitaraplyk syýasaty ýurduň abadan ösüşiniň hem-de dünýäniň ähli ýurtlary bilen parahatçylyk, dostluk hem-de hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan özara bähbitli hyzmatdaşlygynyň ýokarlandyrylmagynyň girewidir.

Goý, abadançylygyň we ösüşiň täze belentlikleriniň aýdyň ýolunda ynamly öňe barýan hemişelik Bitarap Türkmenistan döwleti gülläp össün!

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident,** Size berk jan saglygyny, täze üstünlikleri, Türkmenistanyň ähli halkyna bolsa rowaçlyk arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ГЛУБОКОУВАЖАЕМОМУ ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

От имени нашей компании разрешите выразить самые теплые поздравления по случаю Международного Дня Нейтралитета.

Избранный Туркменистаном курс на защиту и укрепление устоев государственного суверенитета, ускоренное развитие национальной экономики, а также планомерное повышение благосостояния народа и активно проводимая в стране политика нейтралитета, выступают залогом благополучного развития страны и наращивания взаимовыгодных отношений с государствами планеты на основе принципов мира, дружбы и сотрудничества.

Пусть процветает нейтральный Туркменистан, уверенно идущий по светлому пути к новым высотам благополучия и прогресса! Желаем Вам, **глубокоуважаемый господин Президент,** и всему народу Туркменистана, новых успехов, крепкого здоровья и процветания.

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

# «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 28 ýyllygy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Hemişelik Bitaraplygymyzyň parahatçylyksöýüjilik, beýleki halklara, olaryň medeniýetine we däplerine hormat goýmak, hoşniýetlilik ýaly binýatlaýyn ugurlary döwletimiziň halkara giňişligindäki syýasatynyň has-da işjeňleşmegini şertlendirdi. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk ugrunyň BMG-niň maksatlaryna, sebitde parahatçylyk döredijі tagallalaryň utgaşdyrylmagyna laýyk gelýändigi dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan tassyklandy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýanyň biragyzdan kabul edilmegi hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara derejesindäki ýokary abraýynyň hem-de onuň parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge goşan uly goşandynyň ählumumy ykrar edilmesi boldy.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Hemişelik Bitaraplyk syýasatyny bütin dünýäde dabaralandyryp, ynsanperwerligiň aýdyň ýoly bilen abadançylyga alyp barýan umumadamzat bähbitli beýik başlangyçlaryňyz, döwletli işleriňiz hemişe rowaç alsyn!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan Baş direktory W. KERWENOW.**